# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – HÄZIRKI WAGTDA TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ DÖWLETLERI BILEN ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGY YZYGIDERLI ÖSDÜRÝÄR. ÝER ÝÜZÜNDE PARAHATÇYLYGY, DOSTDOGANLYGY HAS-DA PUGTALANDYRMAK UGRUNDA GIŇ GERIMLI IŞLERI AMALA AŞYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
24-nji fewral, 2023. Belgisi 8/1522



# TÜRKMEN–BAHREÝN GATNAŞYKLARYNDA TÄZE TAPGYR

**22-nji fewralda Manamada Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de Bahreý niň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifanyň arasynda gepleşikler geçirildi.**

Ýokary derejedäki şu gezekki duşuşyk däp bolan dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak we ösdürmek, ony hil taýdan täze derejä çykarmak üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Şunuň bilen birlikde, bu sapar Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmegiň ýolunda nobatdaky ädim bolup durýar. Bu strategiýa dünýäniň ähli ýurtlary, şol sanda arap dünýäsiniň döwletleri bilen netijeli, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.

Bahreýniň Patyşasynyň «Al Gudaýbiýýa» köşgündäki meýdançada belent mertebeli myhmany resmi taýdan garşylamak dabarasy geçirildi.

### ÝOKARY DEREJEDÄKI IKIÇÄK GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy mähirli mübärekläp, Türkmenistanyň Bahreýn üçin doganlyk, dostlukly ýurtdugyny nygtady we ýola goýlan döwletara gatnaşyklara ýokary baha berdi. Şunda häzirki ýokary derejedäki duşuşygyň türkmen-bahreýn hyzmatdaşlygyna täze itergi berjekdigine, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmeginde möhüm orny eýelejekdigine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa Bahreýn Patyşalygyna resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy hem-de mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň doganlyk Bahreýn Patyşalygy bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmegine uly üns berýändigini belledi. Şol gatnaşyklar özara ynanyşmak we netijelilik esasynda ösdürilýär. Şular barada aýtmak bilen, döwlet Baştutanymyz Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa, Mirasdüşer Şazada, Premýer-ministr Salman bin Hamad Al Halifa hem-de Bahreýniň halkyna türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Özara düşünişmek we işjeň ýagdaýda geçen gepleşikleriň dowamynda türkmen-bahreýn hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Taraplaryň ähli ugurlar boýunça gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigi bellenildi. Iki döwletiň Baştutanlary söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlaryna ünsi çekip, Türkmenistanyň we Bahreýniň halklarynyň ýakynlaşmagynyň, olaryň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmagyň aýrylmaz şerti hökmünde medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň wajypdygyny nygtadylar.

Duşuşygyň barşynda taraplar halkara we sebit gün tertibiniň, özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleriň birnäçesi boýunça pikir alyşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bahreýniň Patyşasyny, şeýle-de Mirasdüşer Şazada, Bahreýniň Premýer-ministrini Türkmenistana ýakyn wagtda sapar bilen gelmäge çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti we Bahreýniň Patyşasy birek-birege ýadygärlik sowgatlary gowşurdylar. Soňra gepleşikler giňişleýin düzümde, iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň gatnaşmagynda dowam etdi.

### IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARA GOL ÇEKMEK DABARASY

Duşuşygyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifanyň gatnaşmagynda ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Onuň dowamynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda howa gatnawy hakynda Ylalaşyga; Miras bilen baglanyşykly senetçilik we däp-dessurlar babatda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Bahreýn Patyşalygynyň Daşary işler ministrliginiň Mohammed bin Mubarak Al Halifa adyndaky Diplomatik bilimleri akademiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda deňiz ulaglary babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda demir ýol ulaglary babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda umumy, tehniki we ýokary bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, akkreditirlemek we metrologiýa babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bahreýn Patyşalygynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Bahreýn Patyşalygynyň Medeniýet we gadymyýet müdirliginiň arasynda 2023–2027-nji ýyllar aralygynda medeniýet babatda hyzmatdaşlygy ýerine ýetirmegiň Maksatnamasyna; Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Bahreýniň Ösüş bankynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekilýär.

Ählumumy deňiz-howa logistikanyň hyzmatdaşy baradaky Şahadatnama laýyklykda, iki ýurduň arasynda ykdysady we söwda gatnaşyklaryny ösdürmek babatda bilelikdäki isleg göz öňünde tutulyp, Bahreýn Patyşalygy ýurdumyza şu merkeziň başlangyjynyň çägindе hyzmatdaş derejesini hödürleýär. Bu Şahadatnama türkmen tarapyna berildi.

Hormatly Prezidentimiziň Bahreýn Patyşalygyna saparynyň jemleri boýunça Bilelikdäki Maglumat kabul edildi.

Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa ýüzlenip, bu saparyň döwlet Baştutanymyzyň Bahreýne ilkinji saparydygyny belledi we geçen ýyllaryň dowamynda ýurtlarymyzyň arasynda iki dostlukly halkyň taryhy-medeni kökleriniň umumylygyna esaslanýan, dürli ulgamlary öz içine alýan netijeli gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny kanagatlanma bilen nygtady. Bahreýniň Patyşasy 2019-njy ýylda Türkmenistanda bolan saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belläp, giň ugurlar, şol sanda, ykdysadyýet, söwda, energetika, azyk ulgamy, maýa goýumlar, medeni-ynsanperwer, syýahatçylyk we beýleki ulgamlar boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk üçin amatly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň şu sapary däp bolan döwletara gatnaşyklary ösdürmekde täze tapgyry açýar hem-de onuň taryhynda şanly waka bolup durýar diýip, dostlukly döwletiň Baştutany Bahreýniň türkmenistanly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklara gyzyklanma bildirýändiklerini hem-de bilelikdäki ysnyşykly işe taýýardyklaryny tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, gol çekilen, ikitaraplaýyn gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmäge ýardam etmäge gönükdirilen resminamalaryň wajypdygy nygtaldy. ■ 2

# Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralary döredildi

***Milli medeni mirasy aýawly saklamaga we öwrenmäge, türkmen halkynyň dünýä medeniýetiniň kemala gelmegine goşandyny wagyz etmäge aýratyn üns berýän döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen däp bolan gatnaşyklary yzygiderli ösdürmegiň ähmiýetini hemişe nygtaýar.***



Ylym-bilim, medeniýet we taryhy-binagärlik ýadygärliklerini aýawly saklamak ulgamlary hem-de ekologiýa ugry boýunça köpýyllyk gatnaşyklar Türkmenistanyň ÝUNESKO bilen özara hyzmatdaşlygynyň okgunly häsiýete eýedigininiň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzyň innowasion ösüş, sanlylaşdyrmak, öňdebaryjy maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryndan peýdalanmak ýoluna düşmegi bilen baglylykda, netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek we ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmak üçin uly mümkinçilikler açylýar.




Bu abraýly düzüm bilen hyzmatdaşlygyň çäginde türkmen hünärmenleri tarapyndan daşary ýurtly bilermenler bilen bilelikde, ýurdumyzdaky ýadygärlikleriň arasyndan käbir täsin desgalar saýlanyp alyndy. Soňra şol desgalar ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň abraýly sanawyna girizildi. Olaryň hatarynda umumadamzat gymmatlygynyň üç sany täsin taryhy-arheologik ýadygärligi – Gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaýyň Parfiýa galalary bar. ■ 3

# Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk giňeldilýär

***Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklary yzygiderli ösdürilýär. Hormatly Prezidentimiziň geçen ýylyň 21-22-nji noýabrynda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň 11-12-nji fewralynda bu ýurda bolan resmi saparlary we onuň çäklerinde geçirilen ýokary derejedäki türkmen-emirlikler gepleşikleri, gol çekilen resminamalaryň uly toplumy iki döwletiň däp bolan dostluk we ynanyşmak gatnaşyklaryny ösdürmäge, özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlygy giňeltmäge kuwwatly itergi berdi.***



Ýakyn Gündogaryň ykdysady taýdan kuwwatly we ösen ýurtlarynyň biri bolan Birleşen Arap Emirlikleri bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri – ulag we logistika ulgamydyr. Gahryman Arkadagymyzyň amala aşyran saparynyň çäklerinde kabul edilen bilelikdäki Jarnamada ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga hem aýratyn ähmiýet berildi. Şol Jarnamada iki döwletiň ulag-logistika babatdaky uly mümkinçiliklerini nazara alyp, ulag ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň aýratyn ähmiýeti bellenildi. Şeýle hem ulag ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek hem-de iki döwletiň üstaşyr mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak maksady bilen, taraplar Hazar we Ýakyn Gündogar sebitleriniň arasyndaky ugur boýunça amala aşyrylýan multimodal ýük daşamalaryny artdyrmagy maksat edinýär. ■ 3



## «Titanigi» guran kärhana täzeden işe başlar

1912-nji ýylda «Titanigi» guran Belfastdaky «Harland and Wolff» gämi abatlaýyş kärhanasy täzeden işe başlar. Bu kärhana 1861-nji ýylda gurlupdyr. ■ 4



## Çaý içmek medeniýeti

Çaý dünýäde iň köp içilýän ýörgünli içimlikleriň biri bolup, taryhyň müňýyllyklaryndan gözbaş alýar. Hytaýly täjirleriň çaýy dünýäniň dürli künjegine ýaýratmagy bilen bu içimligiň meşhurlygy artyp başlaýar. ■ 5



## Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary tamamlandy

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň öňe saýlanan ýene bir duşuşygynda geçen ýylyň finalynda çykyş eden iki klub – «Liwerpul» bilen «Real Madrid» duşuşdy. ■ 7

## «Laureus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Sport äleminiň abraýly baýraklaryndan bolan «Laureus» dünýä sport baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. ■ 8

Laureus WORLD SPORTS AWARDS



22-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy hökmünde işini tamamlaýan Natalýa Germany kabul etdi.

# BMG-NIŇ SEBIT MERKEZINIŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞYK

Diplomat duşuşmaga we ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini hem-de ony ösdürmegiň geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyndan we hut öz adyndan hormatly Arkadagymyzy Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesine bellenilmegi hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri diýlip kanun esasynda ykrar edilmegi bilen gutlady. Merkeziň ýolbaşçysy BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işine hemmetaraplaýyn goldawlary üçin Gahryman Arkadagymyza, şeýle-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi we Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Natalýa Germana BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy wezipesinde işlän döwründe Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda netijeli hyzmatdaşlygyň üstünlikli ösdürilmegine goşan şahsy goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi we parahatçylyk, abadançylyk baradaky hoşniýetli arzuwlaryny BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişe ýetirmegi haýyş etdi. Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri Natalýa Germana BMG-niň Terrorçylyga garşy göreşmek boýunça komitetiniň Ýerine ýetiriji direktoratynyň Ýerine ýetiriji direktory wezipesinde uly üstünlikleri arzuw edip, ony Türkmenistanda hormatly myhman ýa-da BMG-niň resmi wekili hökmünde görmäge hemişe şatdygyny aýtdy.

Birleşen Milletler Guramasy bilen köptaraplaýyn strategik gatnaşyklary ösdürmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belläp, Halk Maslahatynyň Başlygy netijeli hyzmatdaşlyk boýunça köp ýyllaryň dowamynda toplanan tejribä esaslanýan gatnaşyklaryň ählumumy ösüşiň täze ugurlaryny hem-de möhüm wezipelerini öz içine almak bilen, çäklerini barha giňeldýändigini nygtady. Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolan Türkmenistan halkara giňişlikde Milletler Bileleşigi bilen köp ýyllaryň dowamynda netijeli hyzmatdaşlyk edýär diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri belledi.

Duşuşygyň dowamynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy alyp barýan ýurdumyzyň sebitde durnukly ösüşi, hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk gatnaşyklaryny saklamak hem-de olara goldaw bermek işinde BMG-niň ygtybarly we strategik hyzmatdaşyna öwrülendigi nygtaldy. Häzirki döwürde Türkmenistan dünýä giňişliginde parahatçylygyň, halkara derejedäki durnukly ösüşiň berkidilmegine mynasyp goşant goşýan döwlet hökmünde ykrar edildi. Häzirki zamanyň möhüm meseleleriniň hem-de wezipeleriniň deňeçer çözgüdini işläp taýýarlamakda wajyp orny eýeleýän ýurdumyz bu ugurda anyk işleri amala aşyrýar. Şeýle hem Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik we döredijilik mümkinçiliklerini tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirýär. Bu bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň ýokary ahlak ýörelgelerine doly laýyk gelýär.

* * *

Şol gün Türkmenistanyň Mejlisinde BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa German bilen duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen BMG-niň giň ugurlar boýunça, şol sanda parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, energetika, ulag, ekologik meseleleri çözmek, Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak ýaly ugurlar boýunça gatnaşyklary ýola goýýandygy nygtaldy. Bellenilişi ýaly, bu ugurlardaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin häsiýete eýe bolmak bilen, yzygiderli amala aşyrylyp, anyk netijelere ýetmäge gönükdirilendir. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Türkmenistanda geçirilýän halkara çärelere, şol sanda Mejlisiň guraýan forumlaryna gatnaşmaga döredilýän mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, olaryň ähmiýeti barada nygtady. Şeýlelikde, bu çäreleriň netijeleri sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Soňky bäş ýylyň dowamynda Natalýa Germanyň ýolbaşçylyk eden BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işiniň ähmiýeti barada aýdyp, milli parlamentiň ýolbaşçysy bu düzümiň wezipeleriniň Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesine kybap gelýändigini nygtady. Bellenilişi ýaly, 15 ýylyň dowamynda bu düzüm häzirki zamanyň köp sanly meselelerini çözmekde Birleşen Milletler Guramasyny Merkezi Aziýa ýurtlary bilen baglanyşdyrýan ygtybarly binýat hökmünde özüni görkezdi.

Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde, ýurdumyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlaryna goldaw bermekde Natalýa Germanyň ägirt uly şahsy goşandy bellenildi. Şeýle-de, sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogynyň berkidilmeginde möhüm orun eýeleýändigi nygtaldy.

# TÜRKMEN-BAHREÝN GATNAŞYKLARYNDA TÄZE TAPGYR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### ÝOKARY SYLAG GOWŞURYLDY

Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa çykyşyny tamamlap, iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga hem-de ösdürmäge goşan uly şahsy goşandy, sebit we halkara derejede parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam edýän döredijilikli syýasaty durmuşa geçirýändigi üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Bahreýn Patyşalygynyň ýokary sylagyna – Şeýh Isa bin Salman Al Halifa adyndaky birinji derejeli ordenine mynasyp bolandygyny habar berdi.

Bahreýniň Patyşasy döwlet Baştutanymyza dabaraly ýagdaýda, ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda bu hormatly sylagy gowşurdy we jogapkärli döwlet işinde täze üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz mähirli garşylandygy we myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, 1995-nji ýylda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan döwründen bäri biziň ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde netijeli gatnaşyklara ygrarlydyklaryny görkezýändiklerini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Bahreýn Patyşalygyna Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryny hemişe goldaýandygy üçin minnetdarlygyny beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz Patyşa Hamad bin Isa Al Halifanyň 2019-njy ýylda ýurdumyza bolan saparynyň türkmen-bahreýn hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň ýolunda möhüm ädim bolandygyny belläp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, şol sanda söwda-ykdysady ulgamda, hususy pudak boýunça gatnaşyklaryň ägirt uly kuwwata eýedigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz bu baradaky gürrüňi dowam edip, bilelikdäki işewürler geňeşini döretmegi hem-de iki ýurduň telekeçileriniň sergilerini geçirmegi teklip etdi. Munuň özi Türkmenistanyň we Bahreýniň işewür düzümleriniň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklary işjeňleşdirmek, maýa goýum işini giňeltmek üçin oňat esas bolar.

Döwlet Baştutanymyz däp bolan medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmagyň wajypdygy barada aýdyp, medeniýet we sport ulgamynda-da ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň möhümdigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa bildirilen hormat-sarpa – Şeýh Isa bin Salman Al Halifa adyndaky birinji derejeli orden bilen sylaglanandygy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu ýokary sylaga Türkmenistana we onuň halkyna çuňňur hormatyň, ýurtlarymyzyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezdiginiň nyşany hökmünde garaýandygyny nygtady. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyşynyň ahyrynda Bahreýniň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna we halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

### ATÇYLYGY ÖSDÜRMEK MESELESI MASLAHATLAŞYLDY

Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bahreýniň Patyşasynyň «Safiriýýa» köşgüne ugrady. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa mähirli garşylady.

«Safiriýýa» köşgünde geçirilen söhbetdeşligiň barşynda iki döwletiň Baştutanlary şu gün geçirilen gepleşikleriň netijeli häsiýete eýe bolandygyny hem-de olaryň anyk maksatlara ýetmäge gönükdirilendigini kanagatlanma bilen belläp, taraplaryň türkmen-bahreýn gatnaşyklaryny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän hil taýdan täze derejä çykarmaga meýillidiklerini tassykladylar.

Türkmenistanda we Bahreýnde köpasyrlyk däplere eýe bolan atçylygy ösdürmek meselesi hem gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Biziň ýurdumyzda bolşy ýaly, arap dünýäsiniň döwletlerinde-de gadymy döwürlerden bäri atçylyk bilen meşgullanylýandygy hemmelere mälimdir. Türkmenistanda bolşy ýaly, Bahreýnde-de bu däp bolan pudagy we atly sporty ösdürmäge uly üns berilýär. Iki ýurduň halklaryny bedewlere bolan çäksiz söýgi, aýratyn gatnaşyklar birleşdirýär. Munuň özi bu ugurda netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk hem-de tejribe alyşmak üçin amatly şertleri döredýär.

Soňra Patyşa Hamad bin Isa Al Halifa hormatly Prezidentimizi köşgüň çäginde ýerleşen atçylyk sport meýdançasyna çagyrýar. Bu ýerde belent mertebeli myhman üçin bedewleriň görkezilişi guraldy.

Döwlet Baştutanymyz Bahreýniň Patyşasy bilen bilelikde arassa ganly arap bedewleriniň, şeýle-de beýleki tohum atlaryň görkeziliş sergisine syn etdi. Olaryň arasynda meşhur ahalteke bedewleriniň bardygy hem bellärliklidir. Dostlukly ýurduň atçylyk pudagynyň taryhy hormatly Prezidentimiziň uly gyzyklanmasyna eýe boldy.

Döwletara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak işindäki hyzmatlarynyň hem-de gadymdan gelýän atçylyk däplerini ösdürmäge goşan goşandynyň ykrarnamasynyň nyşany hökmünde hormatly Prezidentimize ajaýyp arap tohum atlarynyň ikisi sowgat berildi.

Döwlet Baştutanymyz Bahreýniň Patyşasyna minnetdarlyk bildirip, bu ulgamda hünärmenleriň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Munuň özi döwletara gatnaşyklaryň many-mazmun taýdan baýlaşdyrylmagyna ýardam eder.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa mähirli hoşlaşyp, türkmen-bahreýn gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler we iki ýurduň halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Sportuň çagalara peýdasy

**Çagalaryň sagdyn ösmegi we kämilleşmegi üçin sport bilen meşgullanmak zerur bolup durýar. Bilermenleriň bellemeklerine görä, sport diňe beden saglygy üçin däl, ruhy we aň taýdan ösmäge hem ýardam edýär. Häzirki döwürde ýüze çykýan keseller ýa-da nähoşluklaryň köpüsi fiziki taýdan hereketsiz bolunmagynyň netijesinde döreýär. Bu, esasan, tehnologiýanyň durmuşymyza işjeň ornaşmagy bilen hem baglydyr. Sebäbi dürli ýaşdaky adamlar boş wagtyny telewizoryň, kompýuteriň ýa-da telefonyň başynda geçirýär. Bu hem fiziki hereketsizlige, hem-de jemgyýetden üzňe bolmaga getirýär. Şol sebäpli entek kiçi ýaşdan çaganyň ukybyna görä, haýsydyr bir sporty pişe edinmegi bu meseleleri aradan aýyrmaga ýardam edýär. Sport çaganyň ukyplarynyň ýüze çykmagyna hem sebäp bolýar. Şeýle-de, sport bilen meşgullanýan çaga fiziki taýdan güýçli bolýar, öz üstüne jogapkärçilik almagy we köpçülik bilen işleşmegi öwrenýär.**



**Kerim SEÝITGULYÝEW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*

## Täze iri taslamasyny mälim etdi

**Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda kub şekilli äpet desga gurlar. Ýurduň maliýe gaznasynyň habar bermegine görä, şäher merkezinde guruljak bina «Mukaab» diýlip atlandyrylar. Taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen ýurduň paýtagtynyň dünýäniň iň döwrebap şäher merkezi boljakdygy bellenilýär. Er-Riýadyň halkara aeroportyndan ulag bilen 20 minut daşlykda ýerleşjek äpet gurluşyň içinde gökdirän bina bolar. Bu gökdiräniň dizaýnynda ýurduň gadymy binagärlik äheňi bolan «Nejidden» peýdalanylar. Binanyň daşy üsti-üstüne goýlan üçburçluk gurluşlardan emele geler. Binanyň içki dizaýnynda bolsa Saud Arabystanynyň derýa boýundaky gadymy obalaryndan ylham alnar.**



**Ini, boýy we beýikligi 400 metr boljak «Mukaab» «meýdan» diýmegi aňladýar. Toplum şäheriň merkezinde ýerleşip, oňa islendik ýerden barmak aňsat bolar.**

**Şeýle hem «Mukaab»-da 80 güýmenje merkezi, köpugurly teatr we bir muzeý bolar. Täze şäher merkezinde 334 müň iş orny dörediler.**

**Aziz AÝMURADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Elektroulag bazaryna girmekçi

**Hytaýyň elektron enjamlarynyň önümçiligi bilen meşgullanýan «Xiaomi» kompaniýasy geljek 5 ýylyň dowamynda elektroulag bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň hataryna goşulmagy meýilleşdirýär. Kompaniýa satuwa çykaryljak elektroulagynyň ýokary tehnologiýaly we elýeterli boljakdygyny, munuň awtoulag bazarynda artykmaçlyk döretjekdigini belleýär. Hytaý brendi soňky ýyllarda awtoulag tehnologiýasyny kämilleşdirmäge has köp maýa goýum gönükdiripdi. «MS11» atly ilkinji modeliň 2024-nji ýylda taýýar boljakdygy bellenilýär. Bu ulagyň gysga wagtda bazardan has köp paý almagyna garaşylýar. «Xiaomi»-niň nusgalyk elektroulagynyň suratyna serediňde, «Tesla»-dan ylham alnandygyny görmek bolýar. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Leý Jun ulagyň programma üpjünçiligi arkaly bäsdeşlerinden ozmagyna bil baglaýar. Bu ugurda ilkinji bäşlige girmegi maksat edinýän kompaniýa geljek ýyl köpçülikleýin önümçilige başlar.**



**Gurbangül HUDAÝBERGENOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Global internet hyzmatyny hödürlär

**Kosmos senagaty pudagynda iş alyp barýan «SpaceX» kompaniýasy Ýer ýüzüniň ähli künjegini internet bilen üpjün etjek taslamany durmuşa geçirýär. «Starlink» atly taslamanyň çäklerinde häzire çenli kosmosa ýüzlerçe kiçi göwrümli emeli hemralar uçurylyp, olar eýýäm köp ýurtda öz hyzmatyny hödürläp başlady. Kompaniýa bu hyzmatyny has-da giňeldip, ulanyjylaryň dünýäniň islendik ýerinde internetden peýdalanmagyna mümkinçilik döretmek isleýär. Kompaniýa müşderilerine dünýäniň ähli ýerinde diýen ýaly elýeterli bolan internet hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýan elektron poçta iberdi. Hyzmatyň aýlyk bahasynyň 200 dollardygy mälim edildi. Emma bu hyzmat häzirlikçe köp ýerde elýeterli däl.**



**Häzirki wagtda «Starlink» hyzmatynyň bahasy adatça 110 dollar bolup, goşmaça 25 dollar tölänler hyzmatyň elýeterli bolan ýerlerinde internetden peýdalanyp bilýärler.**

**Eziz BABANAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Gymmat bahadan satyldy

«Apple»-iň 2007-nji ýylda 600 dollardan satuwa çykaran ilkinji «iPhone» smartfony auksion arkaly 63 müň dollara satyldy. Bu telefon bir aý töweregi ozal LCG auksion internet saýty tarapyndan 2 müň 500 dollar başlangyç bahasy bilen satuwa goýuldy. Gutusy açylmadyk telefony almak üçin jemi 27 adam ýüz tutupdyr. Auksion saýtynyň esaslandyryjysy Mark Montero 10 adamyň soňuna çenli öz aralarynda ýiti bäsleşik edendiklerini, «iPhone»-y ABŞ-ly biriniň satyn alandygyny belledi.



**Gülzar MÜŞŞIKOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## 26,4 milliard ýewro peýda gazandy

«Air France-KLM» awiakompaniýa topary geçen ýyl 26,4 milliard ýewro girdeji we 0,7 milliard ýewro arassa peýda gazanandygyny mälim etdi. Kompaniýanyň howa gämilerindäki ýolagçy sanynyň 2019-njy ýyldakynyň 85 göterimine barabar bolandygy mälim edildi. Uçarlardaky ortaça doluluk 84 göterim bolupdyr. «Air France-KLM» topary arzan bahaly hyzmat hödürleýän «Transavia»-ny hem hasaba alanyňda geçen ýyl 83 milliondan gowrak ýolagçy gatnadypdyr. Bu görkeziji 2021-nji ýyldakydan iki esse köp.



**Gülnur JORAÝEWA,**
*Saýat etrabynyň 36-njy orta mekdebiniň mugallymy.*

## BILDIRIŞ

Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň Gurtly ýaşaýyş toplumynyň 4-nji jaýynyň 13-nji öýüniň öý kitabynyň, tükelleýiş iş depderçesiniň, sowgat şertnamasynyň ýitirilendigi sebäpli, olary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 24-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111145
Belgisi: 8/1522
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk giňeldilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi bilen «AD Ports Group» kompaniýasynyň arasynda gol çekilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde porty dolandyrmak, logistikany ösdürmek we deňiz ulagy pudagynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak, şeýle-de ýurdumyzyň ulag pudagyna sanly ulgamy ornaşdyrmak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk ösdürilýär.

Türkmenbaşy Halkara deňiz porty özüniň häzirki derejesinde Gündogar-Günbatar we Demirgazyk-Günorta ugurlary boýunça halkara ähmiýetli iri ulag merkezleriniň biri bolup durýar. Ol Birleşen Arap Emirlikleriniň çäklerindäki portlar bilen logistik baglanyşygy ýola goýmagyň maksatlaryna doly laýyk gelýär. Munuň özi portlary dolandyrmak we logistik hyzmatlary amala aşyrmak ulgamynda ýöriteleşen kompaniýalar üçin bähbitli taslama bolup biler.



Täze taryhy eýýamda döwletimiziň yklymüsti ulag geçelgeleriniň çatrygy hökmündäki derejesi has-da ýokarlandy. Soňky ýyllarda awtomobil ýollarynyň milli ulgamy giňeldi. Halkara ulag gatnawlarynyň işjeňleşdirilmegi ýurdumyzyň sebitleriniň ösüş depginine kuwwatly itergi berdi.

Bu pudagyň düzümi yzygiderli kämilleşdirilýär, Türkmenistany goňşy ýurtlar bilen baglanyşdyrýan täze howa menzilleri we köprüler gurulýar, polat ýollar, awtobanlar çekilýär. Ulag ulgamynyň üsti häzirki zaman tehnikalary bilen yzygiderli ýetirilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň awtomobil, demir ýol, howa we deňiz ýollary düzümleri milli ykdysadyýetimizi ösdürmek, onuň eksport mümkinçiliklerini amala aşyrmak, halkara gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin zerur bolan durmuş-ykdysady şertleriň döredilmegini üpjün edýär.

Türkmenistan özüniň tiz ösýän üstaşyr-ulag geçelge artykmaçlygyny, şol sanda howa ýollarynda diňe bir sebitiň ýurtlarynyň däl, eýsem, yklymara möçberlerde hem ykdysady bähbitlerde herekete getirmegiň mümkinçiliginden ugur alýar. Howa menzilleriniň häzirki zaman ulgamynyň döredilmegi ýurdumyzyň mundan beýläkki ykdysady ösüşiniň hem-de onuň dünýä ykdysadyýetine ýakynlaşmagynyň, halkara söwda gatnaşyklarynyň giňeldilmeginiň we işjeňleşdirilmeginiň möhüm şerti bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň geçen ýylyň 21-22-nji noýabrynda Birleşen Arap Emirliklerine bolan resmi saparynyň barşynda BAE-niň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bilen geçirilen gepleşiklerde ulag-logistika ulgamyna hyzmatdaşlygyň strategik ugry hökmünde garalýandygy, bu ugurda iki ýurduň port düzümlerini herekete getirmek bilen utgaşykly ulag geçelgelerini kemala getirmek boýunça taslamalary durmuşa geçirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy aýratyn nygtaldy. Ýokary derejedäki gepleşikleriň jemleri boýunça Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi. Onda taraplaryň ikitaraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde ulag gatnawlarynyň möhüm ähmiýete eýedigini nygtandyklary bellenilýär hem-de Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň halkara portlarynyň hyzmatdaşlygynyň zerurdygy aýdylýar.

Hormatly Prezidentimiz ulag ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna Abu-Dabi şäherinde resmi saparyň ikinji gününde geçirilen «Türkmenistan – BAE» işewürlik maslahatynyň açylyş dabarasyndaky çykyşynda ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, soňky ýyllarda ýurdumyzda köpugurly ulag ulgamyny kemala getirmek boýunça giň möçberli işler geçirilýär, hususan-da deňiz ulag düzümi giňeldilýär, täze awtomobil, howa we demir ýol ulag merkezleri hem-de geçelgeleri gurulýar.

**Gülnäz BABAGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralary döredildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna «Görogly» dessançylyk sungaty (2015-nji ýyl), «Küştdepdi» türkmen milli aýdym we tans sungaty (2017-nji ýyl), türkmen milli halyçylyk sungaty (2019-njy ýyl) girizildi.

2020-nji ýylda ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň milli toparynyň döredilmegi BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça düzümi bilen özara gatnaşyklarda möhüm ädim boldy.

Mundan başga-da, BMG-niň bu abraýly düzümi bilen medeniýet, bilim, ylym, sport, ýaşlar syýasaty ulgamlarynda we beýleki ugurlarda köp sanly taslamalar amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO-nyň kafedralaryny döretmek, geljekde bolsa ýurdumyzyň şäherleriniň orta mekdeplerini ÝUNESKO-nyň assosirlenen mekdepleriniň halkara ulgamyna goşmak maksat edinildi.

Şunuň bilen baglylykda, golaýda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege» hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda «Durnukly ösüş üçin ekologiýa bilimi» atly ÝUNESKO kafedralaryny döretmek hakynda Ylalaşyklara gol çekmek dabarasy boldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda ÝUNESKO kafedralaryny döretmek bilen bagly meseleler ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparyň 2022-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda hem-de 23-nji aprelinde, şeýle hem



2023-nji ýylyň 6-njy fewralynda geçirilen mejlislerinde ara alnyp maslahatlaşyldy.

ÝUNESKO kafedralarynyň döredilmegi ýaşlary ählumumy we milli gymmatlyklar esasynda terbiýelemäge, olaryň ekologiýa we daşky gurşawy goramak meseleleri baradaky bilimlerini artdyrmaga, ekologiýa medeniýetini ösdürmäge ýardam berer. Bu kafedralar adaty kafedralar däl-de, eýsem, giň möçberli halkara okuw-barlag merkezleri bolar.

Şeýle hem bu okuw bölümleri ýokary bilimi hem-de ylmy ösdürmäge degişli meseleleriň tutuş toplumy boýunça tejribe, maglumat alyşmakda uly orny eýelär.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralarynyň döredilmegi Türkmenistanyň ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygynyň 30 ýyllygy baýram edilýän şu ýylda aýratyn ähmiýete eýedir. 117 döwletiň ýokary okuw mekdepleriniň şuňa meňzeş kafedralaryny birleşdirýän ÝUNESKO UNITWIN kafedralarynyň tory, olara ylym we bilim pudagynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge we halkara möçberinde milli tejribesini paýlaşmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda ÝUNESKO-nyň agzalygyna kabul edildi. Bu gurama tutuş adamzat tarapyndan goralyp, geljekki nesillere ýetirmäge degişli hasaplanýan maddy we maddy däl medeni gymmatlyklary gorap saklamakda, dikeltmekde we wagyz etmekde bütindünýä ähmiýetli işleri alyp barýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynyň esasy maksady oňa goşulan täsin maddy ýa-da maddy däl medeni mirasymyzy, tebigy ýadygärligi goramakdan, çuňňur öwrenmekden we dünýä ýaýmakdan ybaratdyr.

**Guwanç MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Ýaşlar syýasaty dabaralanýar

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni toýdur baýramlara beslenýär. Biri-birinden zyýada bolup gelýän, ýyllary ýyllara utgaşýan zamananyň wakalarynyň hersi taryha altyn harplar bilen ýazylýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşen türkmen ilimiz öz aýdyň ertirlerini, nurana geljegini gurýar. Hormatly Prezidentimiz halkymyzyň diňe bir şu gününiň däl, eýsem, geljeginiň hem röwşen bolmagy üçin taýsyz tagallalary edýär.

Watany söýmek, il-güne hyzmat etmek halkymyzyň gadymdan gelýän asylly ýörelgesidir. Ýaşlar biziň bagtyýar geljegimiz we ertirimizdir. Şoňa görä-de, ýurdumyzda ýaşlar barada uly aladalar edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen işlenilip taýýarlanylan we jemgyýetimizde giňden ara alnyp maslahatlaşylyp kabul edilen «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurdumyzda alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmaga hem-de ýaşlar üçin döredilýän mümkinçilikleri has-da giňeltmäge ýardam edýär. Ýaşlary hakyky watançylyk, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk, Watana we şöhratly taryhymyza, halkymyzyň medeniýetine, däp-dessurlaryna, maşgala gymmatlyklaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, ylym-bilime höwesini artdyrmak ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Watanymyzyň gülläp ösmeginde uly güýç hasaplanýan ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin ähli şertler döredilip, olara jogapkärli wezipeler ynanylýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýar ýaşlary ylma, bilime yhlasly ýapyşýarlar, medeni-köpçülikleýin çärelere işjeň gatnaşyp, täze döwrebap tehnologiýalara ussatlyk bilen erk edýärler, kämil şahsyýetler bolup ýetişýärler. «Mertler Watany beýgeldýär, Watan bolsa mertleri beýgeldýär» diýýän Gahryman Arkadagymyz hem türkmen ýaşlaryna uly ynam bildirýär.

Ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklary we azatlyklary kanun taýdan kepillendirilip, olaryň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almaklary, öz saýlap alan hünärine eýe bolmaklary, aň-bilim mümkinçiliklerini durmuşa geçirmekleri, gözýetimlerini giňeltmegi, ylym we döredijilik, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmaklary üçin ähli zerur şertler döredilýär. Ýurdumyzyň ösüşi ýokary hünärli hünärmenleriň, ylym we tehnologiýa ulgamlarynda alnyp barylýan işleriň derejesine bagly bolup durýar. Täzeçil usullar sanlylaşdyrma, ylmyň gazananlary we ýokary tehnologiýalar häzirki döwürde döwletiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň, umuman, jemgyýetiň ösüşiniň möhüm şertini emele getirýär. Şol sanda ýaşlaryň saýlap alan hünäri boýunça ýurdumyzda hereket edýän ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde dürli ugurlar boýunça bilim almak hem-de zähmet endiklerini ösdürmek, ýaşlaryň telekeçilik başlangyçlaryna goldaw bermek we höweslendirmek ugrunda hem uly tagallalar edilýär. 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje giren «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» kanunyň rejelenen görnüşiniň 32-nji maddasynyň 7-nji bendinde berkidilişi ýaly, bilim edarasyny tamamlan, ýaňy işe kabul edilen ýaş hünärmenleriň girdeji salgydyny zähmet döwrüniň birinji ýylynda bellenilen kadasyndan 50 göterim, ikinji we üçünji ýylynda 25 göterim ýeňillikli tölemegiň tertibini Türkmenistanyň Salgyt kanunçylygyna laýyklykda kesgitlemek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, ýaşlarda okuwyň üznüksizligini gazanmak we olary hünäre ugrukdyrmak maksady bilen, salgylanýan kanunymyzyň 26-njy maddasynyň 8-nji bendine hem-de «Harby borçluluk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, umumy bilim edaralaryny tamamlan ýaş oglanlaryň ýokary hünär we orta hünär mekdepleriniň giriş synaglaryna gatnaşmagy üçin, bir gezek mümkinçilik döretmek şerti bilen, harby gulluga çagyryş möhletini wagtlaýyn yza süýşürmäge mümkinçilikler döredilýär.



Şeýlelikde, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli taslamalardyr beýik işlere ýaşlaryň gatnaşdyrylmagy olara bildirilýän uly ynamdan nyşandyr. Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurlan bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralarynyň, sungat binasydyr beýleki durmuş maksatly binalaryň taslamalaryna talyp ýaşlaryň gatnaşdyrylmagy bilen nesilleri we döwürleri baglanyşdyryp gelýän milli ýörelgelerimiz dabaralandyrylýar. Şeýle çäreler talyp ýaşlardyr ýaş hünärmenler üçin özboluşly synag mekdebi bolup durýar.

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň ösüşleri ýaş nesiller bilen berk baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de, üstümizdäki ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylmagy hem bizi buýsandyrýar, alyp barýan işlerimizde has-da jogapkärli işlemegimize itergi berýär. Bu barada Arkadagly Serdarymyz: «Biz halkymyzyň, şol sanda ýaşlarymyzyň watansöýüjiligine, zehinine we yhlasyna daýanyp, täze ýylda-da eziz Watanymyzy rowaçlyklaryň ýurduna öwürmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekeris» diýip nygtaýar. Biz hem öz gezegimizde, hormatly Prezidentimiziň bildiren uly ynamyny ödäp, Watanymyzy gülledip ösdürmekde, onuň hukuk binýadyny berkitmekde gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys.

Ýaşlar üçin her bir işde nusgalyk görelde bolýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, belent başlarynyň aman bolmagyny, il ýurt bähbitli ähli işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Öwezberdi GOÇOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň mugallymy, polisiýanyň leýtenanty.*

# Türkmen milli şaý-sepleri – halkymyzyň gadymy mirasy

Türkmen halkynyň özboluşly däp-dessurlary, milli mirasy öz köklerini irki döwürlerden alyp gaýdýar. Biziň asylly däp-dessurlarymyz, urp-adatlarymyz adamlary birek-birek bilen has ysnyşdyrýar, jebisleşdirýär.

Hormatly Prezidentimiz halkymyzyň taryhynyň, däp-dessurlarynyň, milli mirasynyň giňişleýin wagyz edilmegine uly üns berýär. Sebäbi milli däp-dessurlarymyz, milli mirasymyz müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelip, halkymyza mahsus bolan aýratynlyklary özünde jemleýär. Şol gymmatlyklaryň hatarynda durýan türkmen şaý-sepleri çeperçilik taýdan kämilligi, dürli-dürlüligi we mazmuny babatda köpöwüşgünliligi bilen tapawutlanýar. Olaryň ýasalyşynda, atlandyrylyşynda, ýüzündäki bezeg nagyşlarynda halkyň geçmişi, milli medeni aýratynlyklary, ruhy dünýäsi, döredijilik ukyby öz beýanyny tapypdyr. Asyrlaryň dowamynda milli mirasyny, medeniýetini, sungatyny, şaý-seplerini gözüniň göreji deýin gorap, nesillerimize miras goýan pederlerimiziň durmuş ýoly biziň her birimiz üçin nusga alarlykdyr.

Halkymyzda irki döwürlerde şaý-sepleri dakynmagyň özboluşly medeniýeti döräpdir. Türkmen kümşi bagtly gijäniň şasy, şuglaly Aýy, dirilik suwy hasaplanýar. Kümşe gözüň düşende gözleriň nurlanýar, kalbyňda şatlyk emele gelýär. Pederlerimiz türkmeniň namysy-ary hasaplanýan gelin-gyzlarymyza şeýle gymmatly şaý-sepleri mynasyp görüpdirler. Türkmen gelin-gyzlaryny şaý-sep bilen doly bezeseň, söweş lybasyna giren söweşiji gyz bolýar. Şeýle agyr bezegler zenanlarymyzyň saglygyny hem berkidipdir hem-de bejeripdir. Şu günki lukmanlar kümüş şaý-sepleriň Günüň zyýanly şöhlesinden goraýandygyny tassyklaýarlar. Diýmek, saglyk üçin zyýanly howa magniti kümüş şaý-seplerini dakynan gelin-gyzlarymyzyň saglygyna zeper ýetirip bilmändir. Bu baradaky geçmiş taryhymyzda, danalarymyzdan galan ýazuw çeşmelerinde türkmenleriň şaýlary, esasan, kümüşden ýasandyklary, sebäbi kümşüň saglyga peýdasynyň türkmenlere gadymdan mälim bolandygy bellenilýär. Kümüş köp kesel döredijileri ýok edýär, bedeniň gan aýlanyşygyny sazlamaga kömek edýär diýip belleýärler. Kesel döredijileri ýok edýänligi üçin ene-mamalarymyz çaga çileden çykarylanda suwa duz, bugdaý dänelери bilen birlikde kümüş atyp suwa düşüripdirler. Munuň bolsa çaganyň bedenindäki zyýanly kesel döredijileri ýok edýändigine ynanypdyrlar. Gyzlaryň örüm saçlaryna dakylan kümüş düwmejikleriniň täsin owazlarynyň ynsan beýnisine rahatlandyryjy täsir edýänligi ylymda subut edilen hakykat. Gelinleriň böríüklerine dakynýan alyn şaýlary gan basyşyna täsir edipdir.



Goşara dakynýan kümüş bilezikleri bolsa, zenanlaryň gan basyşyny kadalaşdyrypdyr.

Kümüşden edilen hakyk, pöwrize gaşlary goýlan şaý-sepler öz owadanlygy, täsirliligi bilen zenanlary has-da gözelleşdirýär. Gyz-gelinler bu gözellikden örän duýgurlyk bilen lezzet alýarlar. Käbä deňelýän enelere, baýdak boýly gelinlere, hüýr-peri gyzlara her nagşyna ençeme zähmet siňdirilip kümüşden ýasalan şeýle gymmat bahaly inçe sungatyny bagyşlamagy türkmeniň zenan sarpasyny beýikde tutýandygyny görkezýär. Dünýäde zenan hüwdüsiniň eşidilip durmagy illeriň amanlygynyň, dünýäniň abatlygynyň nusgasydyr.

**Maýa GURBANDURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň maliýe bölüminiň esasy hünärmeni.*

# Dehistanyň baýrynda bady-sabany görsem...

Hiç wagt hümmeti egsilmejek, dürdäne hazynany halkyna miras goýan akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň:

*Hyzyr gezen çölde iller ýaýylsyn,*
*Ýurt binamyz gaýym bolsun, gurulsyn*

diýen setirleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň barha nurlanýan ajaýyp keşbinde özüniň ebedilik beýanyny tapdy. Dana Pyragynyň şular ýaly ençeme setirlerine siňen ajaýyp arzuwlarynyň wysal bolan gadymy türkmen topragynda şahyryň sarpasy belent tutulýar.

Etrek, Gürgen, Soňudagy, Gyzylbaýyr, Naýbadaý, Öýlük, Töreýit ýaly şahyryň şygyrlarynda duş gelýän geografik atlar türkmen halkynyň geçmişinden habar berýän ynamly çeşmelere öwrüldi. Çünki gadymy Dehistan topragynda ýerleşýän bu mekanlar Magtymguly Pyragy, onuň ussat pederi Döwletmämmet Azady ýaly ägirtleriň gezen ýerleri. Beýik Biribaryň nazary düşen bu topragyň üýtgeşik bir täsiriniň bardygyny Dehistan sebitlerine gadamy düşen her bir ynsan duýýandyr.

Akyldar şahyrymyz Dehistan ýurdy we onuň ajaýyp tebigaty barada köňlünden taraşlap şagladan şygyrlarynda «Dehistanyň baýrynda, bady-sabany görsem», «Şepagat eýle ýaran, şol Dehistana sary», «Şol jaýyndan nazar salsaň, ulug Dehistan görüner», «Dehistandan ösen ýeller dargady», «Tört müň Saklap, Senjap tört müň Dehistan, göýä geçip barýan sildir bu dünýä», «Umman, Hazar, Dehistan ýörsem, mizana düşmez», «Ähli-Kuhy-Kapdan Dehistan üzre, Bir mekan leşgerin saldy diýdiler» diýip, ençeme gezek ýatlap geçýär. Geçmişde ösen medeniýetli, mes toprakly, bol suwly Dehistan öz zamanasynyň jenneti mekany bolup, bu keramatly topraga zyýarat etmek şahyryň ýatsa-tursa arzuwynda bolupdyr. Diňe bir Dehistanyň baý taryhy geçmişi, onda baky aram tapan şehitlerdir öwlüýäleriň keramaty şahyry özüne imrikdirmän, onuň aýratyn häsiýetli tebigaty hem ony bendi edipdir. Belki şonuň üçin ol:

*Dehistanyň baýrynda,*
*Bady-sabany görsem*

diýip, Dehistanyň her saba-säherinde öwüsýän bady-saba ýellerini küýsändir.

Magtymguly atamyzyň «Gyzylbaýyr göwnüň açar» diýip taryplan Gyzylbaýyry, söwdügi Soňudagy Hakdan halatly şahyryň göwün telwasyna öwrülipdir. Magrypdan maşryga dünýäniň sudury «Bu dünýä» goşgusynda söz bilen çeken jahankeşde şahyryň dogduk mekany Etrek-Gürgen ýurduna bagyş eden setirleri aýratyn bir mähir bilen ýaňlanýar.

Gadymy Etrek ýurduny şahyr «Asly – gerkez, ýurdy – Etrek, ady Magtymgulydyr», «Ýurdym Etrek, ilim gökleň» diýen jümleler bilen ýatlap durupdyr. Şu ýerde şahyryň «Soňudagy» şygrynda tarypy ýetirilýän ýer-ýurt atlaryna seredip geçeliň.

Şahyr «Soňudagy» şygrynda nakgaşlyk bilen dag tebigatynyň suratyny çekýär. Göwün göteriji



Gyzylbaýyryň jümmüşine atarýan kesgin-kesgin ýollary diýermiň, derde derman ot-çöpüni diýermiň, sowuk çeşmeden teşneligini gandyran dürli-dümen mallaryny diýermiň, mahlasy, ussat suratkeşiň döreden uly sungat eseri göz öňüňde janlanýar. Şahyryň:

*Hatarlanşyp kerwen öter,*
*Naýbadaýdyr ýoluň seniň*

diýip, adyny agzaýan Naýbadaý gädigi Soňudagynyň güneýinden guzaýyna aşylýan gatnawly geçelge bolupdyr. Naýbadaý geçelgesinde bolup gören adamlaryň aýtmagyna görä, ol ýerde arabalaryň daşyň ýüzünde galdyran yzlary häzirem bildirip duran bolmaly. Esasy kerwen ýolunyň ugrunda ýerleşen bu geçelge kötel ýollary ýeňilleşdiripdir. Magtymguly atamyzyň:

*Oýlukda ýaýlany gursak,*
*At çapdyryp, baýrak bersek,*
*Töreýitde harman gursak,*
*Nan dökmek hyýalyň seniň*

diýýän ýerleri hem Soňudagynyň etegindäki düzlük bolmaly. Şu bentdäki «Oýluk» diýilýän ýer aslynda Öýlük bolmaly. Öýlük tekizligi çarwa ilatyň ýazlaga çykýan ýaýlasy bolmaly. Töreýit bolsa häzir Eýranyň çägindäki, Etrek derýasynyň boýundaky bu güne çenli galla hasyly alynýan ekerançylyk ýer bolup, şol ýerleri gözi bilen gören adamlaryň sözüne salgylansaň, häzir Eýranda ol «Töreýit harman jaýy» diýlip atlandyrylýan bolmaly. Sary bagşynyň beren maglumatlaryna görä, «Soňudagy» goşgusy Magtymgulynyň ýaşan ýeri bolan Soňudagy sebitlerini mejbury taşlap göçmeli bolanda ýazylypdyr diýen gürrüň bar. Muny şahyryň:

*Magtymguly set açandyr,*
*Bu döwran senden geçendir,*
*Üstüňden iliň göçendir,*
*Niçik geçer halyň seniň?*

diýen aýralyk hasraty duýulýan setirleri hem tassyklaýar.

Magtymgulynyň ömür ýoly bilen içgin gyzyklanýan edebiýatşynas Juma Ataýew «Danalar älemine seýran» atly uly göwrümli makalasynda Dehistanyň geografik ýerleşişi barada maglumat bermek bilen şeýle ýazýar: «Meşhur Şeýh Farideddin Attaryň öz diwanynda getirýän kyssasyndaky waka, ýagny Hezreti Baýezid Bestamynyň her ýyl Dehistandaky şehitleriň guburyna zyýarata baryp gaýdandygy barada maglumat berilýär. Hezreti Magtymguly hem Dehistandaky şehitler baradaky häzirki wagta çenli syrly bolup galýan wakalary bilen bolmaly. Sebäbi ol hem özünden öňki ýaşap geçen beýik şahsyýetleri, ärleri, pirleri ýatlap, olaryň guburlaryna zyýarata gitmäge höwesiniň bardygyny nygtap ýazan şygrynyň ilkinji setirlerini Dehistany ýatlamak bilen başlaýar». Diýmek, Hezreti Magtymguly hem Dehistandaky şehitleriň guburlarynyň başynda agşamdan tä daňdana, ýagny bady-saba daň şemaly öwüsýänça oturyp, tagat etmegi ýüreginde besläpdir. Ýöne, gynansak-da häzire çenli Dehistanda aram tapan şol beýik şahsyýetleri anyklamak başartmady. Şonuň üçin hem bu mesele geljekde türkmen alymlary tarapyndan düýpli öwrenilmeli mesele bolup durýar.

Dehistanyň geçmiş taryhyny öwrenmekde dana Pyragynyň eserleri bahasyna ýetip bolmajak gymmatly çeşme bolup durýar. Akyldar şahyryň doglan gününiň şanly 300 ýyllyk toýuna häzirden uly taýýarlyk görülýär. Gadymy Dehistan topragy şahyryň dogduk mekanyna çar tarapdan toý toýlamaga, zyýarata geljek myhmanlara öz gujagyny açar.

**Aýsere TAGANDURDYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde

**Maýa goýmaga çagyrdy.** Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasynyň (OPEK) baş sekretary Haýsam al-Gaýs nebit pudagynyň köp ýyllardan bäri yzygiderli maýa goýum ýetmezçiligini başdan geçirýändigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, zerur maýa goýumlary 2045-nji ýyla çenli ýylda 500 milliard dollar talap eder.



**Robotlar tagam taýýarlaýar.** Horwatiýadaky restoranlaryň birinde aşpez bolup işleýän robotlar 70-den gowrak dürli tagam taýýarlamaga ýardam berýärler. Ýagyň we nahara atylýan zatlaryň zerur möçberini robot özbaşdak kesgitleýär. Olar tagamlaryň dördüsini az salymda bişirmäge ukyplydyr.



**18 milliona golaý jahankeşde bardy.** Russiýanyň paýtagtyna geçen ýyl 17,9 milliona golaý jahankeşde bardy. Bu barada şäheriň meri Sergeý Sobýanin habar berdi. Myhmanlaryň 90%-den gowragy Russiýanyň beýleki sebitlerinden Moskwa gelýär. Bu 2021-nji ýyldakydan 1 million adam köpdür diýlip, habarda aýdylýar.



**Dünýäniň iň uzyn poçta markasy.** «Gyrgyz Express Post» 184 millimetr uzynlygyndaky dünýäniň iň uzyn poçta markasyny çykardy. Markada Çaartaş gerşi, Toguz-Toro sebiti we Kazarman obasy şekillendirilýär. Şeýle-de, markada Beştaş köli, Tuýuktor gerşi we Itagar geçelgesi göze ilýär.



**Täze şaýylyk çykardy.** Beýik Britaniýanyň Korollyk zikgehanasy Garri Pottere bagyşlanan tematiki ýygyndydan üçünji şaýylygy çykardy. Beýleki tarapynda Şa zenan Ýelizaweta II şekili bolan şaýylykda iňlis ýazyjy zenany Joan Roulingiň eserleriniň baş gahrymany, jadygöý oglanjyk Garri Potter şekillendirilýär.



**26 milliard dollar girdeji.** Eýranyň geçen 2022-nji ýylyň mart-sentýabr aýlary aralygynda daşary döwletlere nebitiň satuwyndan girdejisi 26 milliard dollara deň boldy. Bu barada ýurduň Nebiti, gazy we nebithimiýa önümlerini eksport edijileriniň birleşiginiň resmi wekili Hamid Hoseýni habar berdi.



**Plastigi ulanmak kararyna geldi.** Koreýa Respublikasynyň «Samsung» kompaniýasy 2050-nji ýyla çenli ähli smartfonlarynyň önümçiliginde gaýtadan işlenen plastigi ulanmagy maksat edinýär. Kompaniýa täze flagman «Galaxy» smartfonlarynyň ählisinde şeýle materialy ulanmaga girişiljekdigini mälim etdi.



**Dünýäniň iň garry lamasy.** ABŞ-nyň Nýu-Mehiko ştatyndaky 27 ýaşly lama dünýäniň iň garry lamasy hasaplanýar. Dalaý atly bu jandar 1996-njy ýylyň ýanwar aýynda dünýä indi. Lamalar ortaça 20 ýyl ýaşaýar. Onuň resmi ýaşy tassyklanandan soň, 27 ýyl bir gün görkeziji bilen Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.



**Ilkinji synaglary geçirildi.** Ýaponiýanyň Oita şäherinde uçýan awtoulaglaryň ilkinji synaglary geçirildi. Bu barada uçuşy gurnan «Masc» kompaniýasynyň wekili habar berdi. Iki adamlyk salony bolan kwadrokoptere meňzeş uçýan enjam synag wagty 30 metr belentlige galyp, 3 minutda 431 metr aralygy geçdi. Uçuşyň tizligi sagatda 36 kilometre deň boldy.



## RAISINIŇ HYTAÝA SAPARY

Hytaýyň Başlygy Si Szinpin geçen hepde Eýranyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisini öz ýurdunda kabul etdi. Bu Eýranyň Prezidentiniň soňky 20 ýylda Pekine ilkinji döwlet saparydyr. Si Szinpin bilen Ebrahim Raisiniň duşuşygy Hytaýyň döwlet telewideniýesi arkaly göni ýaýlymda görkezildi.

Duşuşygyň barşynda iki döwletiň Baştutanlary syýasat, howpsuzlyk, ykdysadyýet, medeniýet we bilim ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada ylalaşdylar. Ebrahim Raisi Pekine eden sapary wagtynda Hytaýyň Başlygy Si Szinpini Eýrana gelip görmäge çagyrdy. Duşuşykda Hytaýyň Başlygynyň bu çakylygy kabul edendigi bellenilýär.



Häzirki wagtda Eýran bilen Hytaýyň arasynda elektronika, tehnologiýa, tebigy baýlyklar babatda hyzmatdaşlyklar ösdürilip, ýyllyk dolanyşyk 20 milliard dollara deň. Eýran dünýäniň nebit gorlarynyň 10%-ine eýedir.

– Biz ýurtlarymyzyň ykdysadyýetini güýçlendirmek üçin sebit we halkara gatnaşyklaryndan peýdalanmalydyrys. Bu mümkinçilikleriň köpüsi henizem ulanylmaýar. Hytaýyň Eýran Yslam Respublikasynyň BRIKS guramasynyň agzasy bolmak islegini goldaýandygy biziň üçin möhümdir – diýip, Ebrahim Raisi belledi.

Saparyň ilkinji gününde 3,5 milliard dollarlyk 20 şertnama gol çekildi. Hytaý ýüz esse köp – 400 milliard dollar maýa goýmaga taýyn.

Iki döwlet Baştutanynyň bilelikdäki beýanatynda taraplaryň ýygjam aragatnaşyk saklamaga we Hytaý bilen Eýranyň arasyndaky hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga taýýardyklary bellenilýär.

## Iň möhüm söwda hyzmatdaşy

**Hytaý geçen 2022-nji ýylda Germaniýanyň eýýäm ýedinji ýyl yzly-yzyna iň möhüm söwda hyzmatdaşy boldy. Bu barada Ýewropanyň Federal statistika gullugy habar berdi. Maglumatlara görä, 2022-nji ýylda Hytaýdan Germaniýa haryt eksporty 33,6% ýokarlanyp, 191,1 milliard ýewro ýetdi. Germaniýadan Hytaýa eksport 3,1% ýokarlanyp, 106,8 milliard ýewro barabar boldy. ABŞ 247,8 milliard ýewro söwda möçberi bilen ikinji orny, onuň yz ýanyndan bolsa, Niderlandlar gelýär.**



**Kilsk dünýä ykdysadyýeti institutynyň taýýarlan hasabatyna görä, Hytaýdan getirilýän harytlaryň köp bölegi Germaniýanyň ykdysadyýeti üçin tapylgysyzdyr.**

## Söwda şertnamasyna gol çekdiler

Wenesuelanyň we Kolumbiýanyň Prezidentleri serhetde guralan bilelikdäki dabarada ýurtlaryň arasynda söwda şertnamasyna gol çekdiler. Prezidentleriň pikiriçe, täzelenen söwda düzgünleri 2019-njy ýylda bökdelen gatnaşyklary janlandyrmaga niýetlenendir. Taraplaryň pikiriçe Wenesuela we Kolumbiýanyň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň has-da ösdürilmegi ileri tutulýan meseleleriň biri bolup, häzirki wagtda iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy 8 milliard dollara ýetýär.

– Biz bu ýerde integrasiýa tarap ýene bir ädim bolan şertnama gol çekýäris. Bu şertnama iki ýurduň arasynda bolup biljek söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmaga mümkinçilik berer – diýip, Kolumbiýanyň Prezidenti Gustawo Petro aýtdy.

Wenesuelanyň Prezidenti Nikolas Maduronyň pikiriçe, häzirki wagtda iki doganlyk ýurt syýasy, ykdysady, söwda gatnaşyklary we demografiýa babatda täze ösüşe gadam goýýar.

Wenesuela bilen Kolumbiýanyň arasyndaky gatnaşyklar 2019-njy ýylda käbir sebäplere görä kesilipdi. Geçen ýylyň 7-nji awgustynda wezipesine girişen Prezident Gustawo Petro Wenesuela bilen gatnaşyklary täzeden ýola goýmak niýetini mälim etdi. Taraplaryň pikiriçe özara gatnaşyklaryň dikeldilmegi Wenesuela we Kolumbiýa üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Çünki häzirki wagtda iki ýurtda hem millionlarça adamyň dogan-garyndaşlary ýaşaýar.



Şu ýylyň ýanwar aýynda Wenesuela bilen Kolumbiýanyň araçäkleri doly açylyp, ulag gatnawy ýola goýuldy. Wenesuelanyň Milli Assambleýasy Bogotada täze ilçiniň bellenilmegi bilen bir wagtda Wenesuela Boliwarian Respublikasy bilen Kolumbiýa Respublikasynyň arasynda maýa goýumlaryny ösdürmek baradaky ylalaşygy tassyklaýan kanunyň taslamasyna ses berdi.

## Moldowada täze hökümet tassyklandy

Premýer-ministr Natalýa Gawrilisa garaşylmadyk ýagdaýda işinden çekilenden soň Prezident Maýýa Sandu tarapyndan bu wezipä hödürlenen Dorin Reçanyň hökümetiniň maksatnamasy we düzümi Moldowanyň parlamenti tarapyndan tassyklandy.

– Parlament Premýer-ministriň dalaşgärligini we täze hökümetiň maksatnamasyny tassyklady. Oňa 62 deputat ses berdi – diýip, kanun çykaryjy edaranyň başlygy Igor Grosu mälim etdi. Ministrler Kabinetiniň agzalary Ýewropany ileri tutýan Hereket we raýdaşlyk partiýasy tarapyndan goldanyldy. Kommunistler we sosialistler toparynyň hem-de «Şor» partiýasynyň ýolbaşçylary ses bermekden saklandylar.

– Hökümet maksatnamasy Prezident Maýýa Sandunyň Hereket we raýdaşlyk partiýasynyň ýurduň ösüşi baradaky garaýyşlaryna esaslanýar – diýip, Dorin Reçan parlamentiň deputatlarynyň öňünde eden çykyşynda aýtdy. Şeýle hem Reçan döwlet edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, «tertip-düzgüni» ýola goýmagyň, işewürleriň maliýe çeşmelerine elýeterliligini ýönekeýleşdirmegiň we korrupsiýa garşy has netijeli göreşiň zerurdygyny belledi.

Täze Premýer-ministr Ýewropa Bileleşigine integrasiýany hem-de ýurduň ykdysady ösüşini özüniň esasy ileri tutýan ugurlary hökmünde öňe sürdi. Dorin Reçan öz ýurdunyň 2022-nji ýylda Ýewropa Bileleşigine agza bolmak üçin dalaşgär derejesini alandan soň, Brýusseliň talaplaryny ýerine ýetirmäge ünsi jemledi.



Dorin Reçan ozalky kabinetiň agzalarynyň üçden iki bölegini öňki işinde galdyrdy. Gawrilisa 10-njy fewralda prezident administrasiýasynda geçirilen maslahatdan soň işinden çekilýändigini mälim edipdi. Soňra Moldowanyň Prezidenti Maýýa Sandu howpsuzlyk meseleleri boýunça geňeşçisi Reçany bu wezipä hödürledi.

## Bütindünýä bankynyň ýolbaşçysynyň karary

Bütindünýä bankynyň ýolbaşçysy Dewid Melpas möhletinden öň wezipesinden gitmek barada karara gelendigini mälim etdi. «Bütindünýä bankynyň başlygy Dewid Melpas dört ýyldan gowrak işläninden soň, 30-njy iýunda tamamlanjak maliýe ýylynyň ahyryna çenli Bütindünýä bankynyň başlygy wezipesinden gitmek niýetiniň bardygyny tassyklady» diýlip, Bütindünýä bankynyň metbugat beýanatynda mälim edilýär.

Melpasyň bu kararynyň sebäpleri heniz aýdyňlaşdyrylanok. Ýogsam Melpasyň ygtyýarlyklarynyň möhleti 2024-nji ýylda tamamlanýardy. Dewid Melpas Bütindünýä bankynyň 13-nji ýolbaşçysydyr. Ol bu wezipede 2019-njy ýylyň 5-nji aprelinden bäri işläp gelýär.



Bütindünýä banky 189 döwleti özüne birleşdirip, onuň sermaýasynyň 16%-den gowragy ABŞ tarapyndan üpjün edilýär. Ştab-kwartirasy Waşingtonda ýerleşýän Bütindünýä banky dürli ýurtlardaky döwlet we hususy kärhanalara, hökümetlerinden kepillikler bolan halatynda, uzak möhletli az göterimli karzlary, şeýle hem göterimsiz karzlary we grantlary berýär. Maliýe serişdeleri bilim, saglygy goraýyş, döwlet dolandyryşy, infrastruktura, maliýe we hususy pudagy ösdürmek, oba hojalygy, daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary dolandyrmak ýaly taslamalara gönükdirilýär. Taslamalar hökümetler, beýleki halkara guramalary, täjirçilik banklary, eksport-karz agentlikleri we hususy maýadarlar tarapyndan bilelikde maliýeleşdirilip bilner.

## Muzeýleriň gurluşygy çaltlandyrylar

**Şu ýyl Hytaýyň paýtagty Pekinde muzeýleriň we seýilgähleriň birnäçesi gurlup ulanmaga berler. Bu barada şäheriň Medeni miras edarasy mälim etdi.**

**Ýylyň ahyryna çenli şäherde Beýik Pekin-Hançžou kanaly bilen bagly Paýtagt muzeýiniň şahamçasyny açmak meýilleşdirilýär.**

**Şeýle hem Sin hanedanlygynyň (1644-1911) imperator baglaryny öz içine alýan köp sanly taryhy ýadygärlikleriň ýerleşýän «Üç depe we bäş bag» milli taryhy we medeni mirasynyň desgalaryny goramak we ulanmak boýunça zolagyň taslamasy tamamlanar. Şeýle hem Demirgazyk Han hanedanlygyna degişli bolan Dabaotaý aramgähiniň ýerleşýän ýerindäki muzeýi abadanlaşdyrmagyň taslamasy durmuşa geçiriler, şeýle-de «Lýulihe»**



**milli arheologik seýilgähiniň gurluşygyna başlanar.**

**– 2022-nji ýylyň jemlerine görä, Pekinde 215 sany muzeý hasaba alyndy, 500-e golaý sergi we çäreler geçirildi – diýip, şäheriň Medeni miras edarasynyň başlygy Çen Minsze aýtdy.**

## «Titanigi» guran kärhana täzeden işe başlar

1912-nji ýylda «Titanigi» guran Belfastdaky «Harland and Wolff» gämi abatlaýyş kärhanasy täzeden işe başlar. Bu barada «Financial Times» habar berdi. Üç ýyl ozal iňlis işewüri Jon Wud gämi abatlaýyş kärhanasyny 6 million ýewro (7,3 million dollar) satyn alypdy. Onuň tassyklamagyna görä, kompaniýa geçen aý Ispaniýanyň «Navantia» gämi gurluşyk kompaniýasynyň ýolbaşçylygyndaky konsorsium bilen üç sany harby-ulag gämisini gurmak maksady bilen 1,6 milliard ýewrolyk (takmynan, 1,8 milliard dollarlyk) şertnama baglaşdy. Jon Wuduň aýtmagyna görä, şeýle hyzmatdaşlyk gämi abatlaýyş kärhanasyna we Beýik Britaniýanyň Demirgazyk Irlandiýa sebitine täze durmuş getirer. Täze şertnamalar önümçilik kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik berip, 700-e golaý goşmaça iş ornuny döreder.



Neşiriň belleýşi ýaly, «Harland and Wolff» gämi abatlaýyş kärhanasy 1861-nji ýylda gurlupdyr, ýöne geçen asyryň ahyrynda Ýewropadaky we Aziýadaky kompaniýalaryň bäsdeşligi sebäpli pese düşüp başlapdyr. Gämi abatlaýyş kärhanasy 2003-nji ýyldan bäri gämi gurmandyr.

«Titanik» ýolagçy gämisi 1912-nji ýylyň 10-njy aprelinde özüniň ýeke-täk syýahatyna ugrap, Sautgemptondan ýola düşüpdir. Ol 14-nji aprelden 15-nji aprele geçilen gijede Atlantik ummanyndaky aýsberg bilen çaknyşyp, heläkçilige uçrapdyr.

## Plastik gadagan edildi

**Şri-Lankanyň hökümeti biologik taýdan çüýremeýän, bir gezeklik ulanylýan plastik önümleriň ulanylmagyny doly gadagan etdi.**

**– Daşky gurşawy goramak, şeýle hem adada ýaşaýan pilleri we sugunlary halas etmek maksady bilen şeýle çäre görülýär – diýip, hökümetiň resmi wekili, maglumat ministri Bandul Gunawarda belledi.**

**Onuň sözlerine görä, şu ýylyň iýun aýynda Şri-Lankada plastik önümleri öndürmek we olary satmak doly gadagan ediler. Bu çäreler ýurtda plastik paketleri ulanmazlyk babatda 2017-nji ýyldan bäri hereket edýän gadagançylygyň, şeýle hem bir gezeklik ulanylýan plastik gapgaçlary we bu materialdan ýasalan çaga oýnawaçlaryny ýurda getirmezlik babatda 2021-nji ýylda girizilen gadagançylygyň üstüni ýetirer.**

**Ýerli ekologlaryň pikiriçe, Şri-Lankada plastikden ýüz öwürmek çäresi ekologiýa taýdan arassa materiallar babatda dünýä ýörelgesine eýermek däl-de gyssagly zerurlykdyr. Ýurt her gün onlarça tonna plastik galyndy öndürýär. Zerur enjamlaryň ýoklugy sebäpli olar hiç hili gaýtadan işlenilmeýär. Plastik ýere gömlensoň daşky gurşawy zäherläp, ýabany janly-jandarlaryň ölmegine sebäp bolýar.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1938-nji ýylyň 24-nji fewralynda ABŞ-nyň «Oral-B» kompaniýasy dünýäde ilkinji gezek diş çotgasyny emeli sintetiki neýlon süýüminden öndürip başlaýar. Ýöne häzirki zaman diş çotgasynyň ilkinji nusgasy ondan 200 ýyl ozal Fransiýada hödürlenýär. Miladydan öň IV-III asyrlarda hem diş çotgasyna kybapdaş gurluşyň ulanylandygy tassyklanýar.**




## UÇÝAN TAKSILER IŞE GIRIZILER

Dubaýyň häkimiýetleri uçýan taksi maksatnamasynyň gaýtadan başlandygyny habar berdi. Ilkinji gezek emirlikde uçýan ulagyň işe girizilmegi 2017-nji ýylda maslahatlaşylyp başlandy. Şondan soň ilkinji synaglar geçirildi.

BAE-niň Premýer-ministri we Dubaýyň emiri Mohammed bin Raşid Al-Maktum uçýan taksileri işläp düzmek maksatnamasynyň täzeden dikeldilýändigini mälim etdi. Emirligiň hökümeti taksileri 2026-njy ýyla çenli işe girizmegi wada berdi. Taslamanyň awtorlary geljekde taksileriň doly derejede sürüjisiz bolup biljekdigini belleýärler.




Uçýan EV-taksiniň nusgasy 2022-nji ýylda Koreýa Respublikasynda uçýan taksileriň işe girizilýändigini mälim eden «Joby Aviation» amerikan kompaniýasy tarapyndan hödürlendi. Ol akkumulýatoryň bir gezekki zarýady bilen sagatda 320 kilometr tizlikde 240 kilometrden gowrak ýoly uçup geçip bilýär. Emirligiň ýol we ulag edarasynyň wekilleri resmi şertnama heniz gol çekilmändigini belleýärler. «Joby Aviation» tarapyndan işlenip düzülen taksi golaýda Dubaýda geçirilen Bütindünýä hökümet sammitinde görkezildi. Dubaýyň emiri «Twitter» akkauntynda elektrouçaryň mahabatyny ýerleşdirdi.

Dubaý uçýan taksileriň gonmagy üçin howa menzilinde, şäher merkezinde, emeli Palma adasynda we Marina sebitinde dört sany «vertiport» gurmagy meýilleşdirýär. Her bir «vertiport» iki gonuş meýdançasyna we EV-taksi üçin zarýad beriji stansiýa eýe bolar.

Tölegler adaty taksilerden has gymmat bolmaly däl. Dubaýda taksi bilen gatnawyň iň pes bahasy, takmynan, 3,25 dollar, ýoluň her kilometri üçin bolsa 5 dollar alynýar. Deslapky hasaba görä, uçýan taksiler üçin bahalar adaty bilen deňeşdirilende 30% gymmat bolar. Uçýan taksiler Dubaýyň çalt ösýän ilatynyň köp awtoulagly gatnawynda uly ýeňillik döredip biler. Şäheriň ýollarynda ýurduň beýleki alty emirliginden gelenleri hasaba almasaň, 1,8 milliondan gowrak ulag hereket edýär. «Uber», «Airbus» we «Kitty Hawk» ýaly beýleki kompaniýalar eýýäm birnäçe ýyl bäri uçýan taksileri kämilleşdirýärler, emma şu wagta çenli hiç bir kompaniýa köpçülikleýin önümçilige başlamady.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Çaý içmek medeniýeti



**Çaý dünýäde iň köp içilýän ýörgünli içimlikleriň biri bolup, taryhyň müňýyllyklaryndan gözbaş alýar. Hytaýly täjirleriň çaýy dünýäniň dürli künjegine ýaýratmagy bilen bu içimligiň meşhurlygy artyp başlaýar. Adamlar çaýyň tagamyny alansoňlar bu içimligi gündelik durmuşyna ornaşdyrýarlar. Hatda çaý içmek käbir halkyň milli däbine hem öwrülýär. Gazetimiziň şu sanynda çaý ösdürip ýetişdirýän ýurtlar hem-de çaý içmek medeniýeti bilen bagly gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**Hytaý.** Çaý öndürmekde dünýäniň iň amatly howa şertli ülkesi bolan Hytaýda oolong, jasmin we gunpowder ýaly meşhur çaýlaryň ýüzlerçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Taryhy maglumatlara görä, IX asyrda Beýik Ýüpek ýoly arkaly hytaý çaýlary dünýäniň dürli künjegine ýaýrap başlaýar. Ilkibaşda dermanlyk maksadynda peýdalanylan bu ösümlik, soňra meşhur içimlikleriň birine öwrülýär. Hytaýda çaý içmek durmuşyň bir ýörelgesi hökmünde görülýär. Bu ýerde «Ça Dao» (çaý taýýarlamak) milli sungaty ösen derejede bolup, hytaý medeniýeti bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurtda çaý taýýarlamak (Gongfu cha) dabaralary hem geçirilýär.

**Ýaponiýa.** «Günüň dogýan ýurdy» meşhur matça çaýy bilen tanalýar. XII asyrdan gözbaş alýan bu içimlik häzirki wagtda-da ilkibaşdaky görnüşinde taýýarlanylýar. Külke edilip owradylan bu çaý açyk ýaşyl reňki bilen beýleki çaýlardan tapawutlanýar. Matça Ýaponiýada geçirilýän Çado (Çaý ýoly) dabarasynda hödürlenýän iň lezzetli içimlikleriň biridir.

**Hindistan.** Dünýäde çaýy iň köp öndürýän we eksport edýän Hindistanda bu içimligiň taýýarlanylyşyna uly üns berilýär. Hindistanyň milli içimligi «çaý» diýip atlandyrylyp, ol süýt, hoz ýapragy, darçyn, burç, kardom we ýorunja ýapraklary garylyp taýýarlanylýar. Hindiler myhmana ilki bilen asyrlarboýy meşhur bolan bu içimligini hödür edýärler. «Bollywood»-yň ýurdunda çaý ösdürip ýetişdirýänler we çaýpuruşlar (çaý satyjy) jemgyýetiň esasy bölegi bolup, şäher merkezlerinde hem-de köçelerde aýratyn çaý dükanlary bar.

**Tailand.** Bu ýurt «Taý buzly» çaýy, ýagny «cha-yen» bilen meşhurdyr. Ýurduň restoranlarynda uly isleg bildirilip sargyt edilýän bu içimlik buzuň üstüne ajy gara çaýyň guýulmagy esasynda taýýarlanylýar. Şeýle hem bu içimligiň has-da tagamly bolmagy üçin darçyn, mämişi gül hem-de ýyldyz anisi goşulýar. «Taý buzly» çaýy yssy howada has-da lezzetli bolýar.

**Marokko.** Demirgazyk Afrika ýurduna islendik wagt barsaňyz, hoşboý ysly tuareg çaýy bilen garşy alar. Bu içimlik Marokkonyň medeniýetine doly ornaşyp, myhmansöýerlik bilen berk baglanyşyklydyr. Adatça tuareg 30 santimetr ýokarlykdan 3 pyýala guýlup, myhmana hödür edilýär. Her pyýalanyň hem biri-birinden tapawutly özboluşly tagamy bolup, bu däp Marokkonyň milli medeniýetinde: birinji durmuş ýaly süýji, ikinji söýgi ýaly güýçli, üçünji aýralyk ýaly ajy manysynda düşündirilýär.

**Şri-Lanka.** Önümçilikde iň meşhur çaýlaryň biri bolan «seýlon» çaýy, Seýlon adasynyň adyndan gelip çykýar. XVII asyrda Şri-Lanka Hindistandan çaýyň käbir görnüşi getirilip, çaý ýetişdirilip başlanýar. Häzirki wagtda Şri-Lanka çaý eksport etmekde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Seýlon çaýyny kokos we palma şekeri bilen bilelikde içseň has-da tagamly bolýar.

**Taýwan.** Meşhur «bubble» çaýynyň Watany Taýwan hasaplanýar. 1980-nji ýyllarda oýlanyp tapylan köpürjikli çaýy taýýarlamak üçin çaý, süýt, miwe we tapioka düwmejikleri goşulýar. Bu çaý adatça uzyn aýna gaba salnyp, turbajykly çöpjagaz bilen bile hödürlenýär.

**Türkiýe.** Çaý önümçiliginde öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolan Türkiýede, esasan, gara çaý içilýär. Çaýly hyzmat etmek türk medeniýetiniň we myhmansöýerliginiň esasy bölegi bolup, gara çaýyň ýany bilen ak gant hem hödür edilýär. Bu ýurtda çaý köplenç içi görünýän, süýnmek aýna stakanda içilýär. Bu ýagdaý çaýyň reňkini synlap, ondan lezzet almaga mümkinçilik berýär.

## SAGLYGA PEÝDALY IÇIMLIK



Irki döwürlerden bäri çaý halk lukmançylygynda bejeriş ähmiýetli içgi hasaplanýar. Çaýyň düzümindäki peýdaly maddalar adamyň diňe bir keýpini götermek, rahatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, birnäçe gaýra üzülmeleriň öňüni almaga hem ýardam edýär.

**Agramyňy sazlaýar.** Geçirilen barlaglarda çaýyň düzümindäki kofein we katehinleriň agramy kadaly derejede saklamaga ýardam berýändigi ýüze çykaryldy. Şeýle hem horlanmak isleýänlere gök çaý içmek maslahat berilýär.

**Ýürek üçin peýdaly.** Bilermenler çaý içýän adamlaryň ýüreginiň sagdyn bolýandygyny belleýärler. Bu, esasan hem, gök çaý bilen bagly bolup, holesteriniň we gan basyşynyň derejesini peseltmäge hem-de rahatlanmaga ýardam edýär.

**Keselleriň howpuny azaldýar.** Çaýyň düzümindäki katehinler gandaky şekeriň derejesini azaldyp, süýjüli diabetiň döremek howpunyň öňüni alýar. Şeýle hem gök çaý içýän adamlarda düwnük keseliniň alamatlarynyň az ýüze çykýandygy bellenilýär.

Çaýy aşa köp içmek käbir halatda ukynyň hem-de aşgazan-içege ulgamynyň işiniň bozulmagy ýaly käbir ýagdaýlara getirip biler. Şeýle hem çaýy ajöze ýa-da derman serişdeleri bilen bilelikde içmek maslahat berilmeýär.

# Hytaýyň «gyrmyzy» şäheri



Pekiniň merkezinde 74 gektar meýdany eýeleýän dünýädäki iň uly köşkler toplumy ýerleşýär. «Gadagan şäher» (The Forbidden City) ady bilen tanalýan Pekiniň köşkler toplumy 1420-1912-nji ýyllar aralygynda Hytaýyň simwoliki we syýasy merkezi bolup hyzmat edipdir. Toplum birnäçe köşkden, howlulardan we ýaşaýyş jaýlaryndan ybarat. Ýerli halkyň arasynda «gyrmyzy» şäher ady bilen ýörgünli bolan toplumyň bezeginde, esasan, gyrmyzy we sary reňkler şöhlelendirilipdir. Gyrmyzy reňk hytaý medeniýetinde oňatlyk hasaplanýar hem-de bakylygy alamatlandyrýar. Sary reňk şa maşgalasynyň nyşany hökmünde görlüpdir.

Öňki döwürde Hytaý imperiýasynyň däp-dessuryna görä, imperator «gyrmyzy» şäheriň ýeke-täk resmi ýaşaýjysy hasaplanypdyr. Bu ýerdäki raýatlar we köşk emeldarlary myhman hökmünde görlüpdir. 1924-nji ýyla çenli köşk toplumy hökmünde ulanylan şäher we ondaky binalar häzirki wagtda Hytaýyň milli muzeýi diýen derejä eýedir. Daşyna 8 metr töweregi beýiklikde gala aýlanan gadymy şäher, esasan, milli baýramçylyklaryň, däp-dessurlaryň geçirilýän merkezleriniň biri bolup, ýokardan seredeniňde gönüburçlugy emele getirýär. 1987-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen toplumda 9,999 otag hem-de 980 bina bar. Şäheriň içindäki taryhy ýerler iki bölege bölünip, toplumyň merkezinde «Aždarha tagty» diýlip atlandyrylýan, imperator oturgyjyny öz içine alýan esasy köşk ýerleşýär. Bu tagt altyndyr gymmat bahaly daşlar bilen bezelipdir.



Dört derwezeli «gyrmyzy» şähere her ýyl 20 million töweregi syýahatçy gelýär. Şäheriň günorta girelgesi syýahatçylar üçin niýetlenip, bu girelgäni meridian çyzygynyň kesip geçýändigi sebäpli, «Meridian derwezesi» hem diýilýär. Derwezäniň iki gapdalynda uzap gidýän ganatlary bar. Galanyň dört burçunda kiçiräk bambuk minaralar bolup, häli-şindi jaňlaryň sesi ýaňlanyp durýar. Bambukdan ýasalan şäheriň içinden emeli döredilen «altyn» derýa akyp geçýär. Giňligi 4,5 metr bolan bu derýa galanyň demirgazyk-günbataryndan girip, günorta-gündogardan çykýar. Meridian derwezesiniň girelgesinde bu derýanyň gözelliklerini synlap bolýar. Köşk toplumynyň demirgazygynda 10 gektar meýdany tutýan bambuk, kiparis we arça agaçlarynyň tokaýy bar. Mundan başga-da, ýaz paslynda owadan gyzyl gülleri bilen şäheri bezeýän alma agaçlarynyň meýdany hem bar.

## ÇAGALAR

✓ Häzirki wagtda Sidneý opera teatrynda her ýyl 1 müň 500-e golaý çykyşlar ýerine ýetirilýär.

# «E-SPORT» – SPORTDAKY TÄZE UGUR



E-sport onlaýn geçirilýän wirtual oýun bolup, tomaşaçynyň (oýna gatnaşyjy) dolandyryjylyk başarnyklary esasynda ýaryşlar guralýar. Hakyky professional sport oýunlarynyň amaly görnüşi bolan E-sport kompýuteriň garşysynda höwes bildirýän sportuňy saýlamak esasynda alnyp barylýar. Wideo oýunlary arkaly guralýan sportuň bu döwrebap görnüşi 1990-njy ýyllarda döreýär. 10 ýylyň dowamynda kämilleşdirilip, bütin dünýäde, esasan hem, ýetginjekleriň arasynda has-da meşhurlygy artyp başlaýar. Bu oýny fiziki taýdan özüňe agram salmazdan, öýden çykman kompýuteriň başynda ýa-da öýjükli telefonda oýnap bolýar. Şeýle hem wideo ýazgylary yzarlap, oýunçylaryň karýerasy we taktiki aýratynlyklary bilen ýakyndan tanşyp, hakyky sport bilen meşgullanmak üçin ilkinji tälimleri alyp bolýar.

Adaty sportda bolşy ýaly, E-sport oýunlary hem liga ýaryşlaryna we adaty ýaryşlara bölünýär. Bu oýna gatnaşýanlar kompýuterde türgenleşmek esasynda dolandyryjylyk endiklerini ösdürýärler. E-sport ýaryşlary iki ýa-da köp toparyň arasynda geçirilýär. Wirtual oýunlara erkek we zenan oýunçylar gatnaşyp bilýärler.

E-sport oýunlarynyň gerimi soňky ýyllarda şeýle bir giňedi welin, hatda guramaçylykly geçirmek üçin uly-uly kompýuter meýdançalary bar. Käbir ýurtda E-sport klublary bolup, isleg bildirýän ýaş höwesjeňlere tälim bermek üçin ýörite iş orunlary hem döredilipdir. Esasan, Ýewropa ýurtlarynda meşhur bolan bu oýunlar üçin 2016-njy ýylda «eSport» platformasy işlenip düzülýär. «Turtle Entertainment», «Major League Games» (MLG) we «Dreamhack» ýaly birnäçe E-sport operatorlary hem-de TSM, «Cloud9», «FaZe Clan», «Team Liquid» ýaly sport guramalary bar. Häzirki wagtda E-sport ýaryşlarynyň 550 milliondan gowrak janköýeri bar. E-sport dünýäniň köp böleginde çalt ösýän girdejili pudaklaryň biridir. Ýyllyk girdejisi 1,5 milliard dollar bolan E-sport oýunlarynda ýeňiji bolan topara ýa-da oýunça göçme kubok, pul baýragy we gymmat bahaly sowgatlar berilýär.

Tehnologiýanyň ösmegi bilen ýylyň-ýylyna has-da kämil we ulanmaga oňaýly E-sport enjamlary hem-de programmalar öndürilýär. Bu ugurda Hytaý dünýäde öňdeligi eýeleýär. E-sportdaky iň gowy programmalaryň hatarynda DOTA, «Walor Arena», «PlayerUnknown», «Fortnite», «Counter-Strike» we «Elden Ring» ýaly oýunlary görkezmek bolar.

Günüň dowamynda E-sport oýunlary üçin köp wagtyňy sarp etmek, ýagny birnäçe sagatlap kompýuteriň başynda oturmak saglyga oňaýsyz täsirini ýetirip biler. Kompýuteriň şöhlesi, gulaklykdan gelýän sesler, dartgynly pursatlar – bularyň yzygiderli dowam etmegi bedeniň myşsalarynyň gowşamagyna, esasan hem, gözüň ýadamagyna we görşüň peselmegine sebäp bolmagy mümkin. Şol sebäpli E-sport oýunlaryny gün tertibi esasynda oýnamak maslahat berilýär.

## Awstraliýanyň Sidneý opera teatry



Dünýäniň syýahatçylyk pudagyndaky meşhur binalaryň hatarynda Awstraliýanyň Sidneý opera teatryny hem görkezmek bolar. 1973-nji ýylda gurluşygy tamamlanan bu bina göýä ýüzüp barýan ak ýelkenli gämini ýadyňa salýar. Sidneý portunyň golaýyndaky ýarym adada, Bennelong nokadynda ýerleşýän bu teatr spektakl meýdançasyny, konsert zalyny, iki teatr zalyny, oýun otaglaryny, studiýany we üçegindäki biri-birine bagly ýelkenli restoranlary öz içine alýar. XX asyryň özboluşly binagärlik eseri hasaplanýan Sidneý opera teatry deňsiztaýsyz bezegi, gurluşy we ornaşdyrylan tehnologik täzelikleri bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär.

## GAÝYBANA SYÝAHAT

Sidneý opera teatry diňe bir ajaýyp binagärlik täsinligi bolman, eýsem, dünýä derejesindäki opera teatrdyr. Häzirki wagtda Sidneý opera teatrynda her ýyl 1 müň 500-e golaý çykyşlar ýerine ýetirilýär. Bu teatryň açylan ýyly sahnada ilkinji bolup XX asyryň meşhur aktýory, ýazyjysy we aýdymçysy Pol Robson çykyş edýär. Nusgawy balet çykyşlaryndan, innowasion teatrlardan we simfoniki sazlardan häzirki zaman tanslaryna çenli opera eserleriniň birnäçesi iňlis, mandarin, fransuz, nemes, ýapon, koreý we ispan dillerinde tomaşaçylara hödürlenýär. Opera teatryna her ýyl 10 milliondan gowrak tomaşaçy barýar. Mundan başga-da, bu teatrda her ýylyň maý-iýun aýlarynda dünýädäki iň uly ýagtylyk we aýdym-saz baýramçylygy bolan «Wivid Sydney» sanly yşyk festiwaly geçirilýär.

**Teatryň gurluşygynyň taryhyndan**

1956-njy ýylda Täze Günorta Uels hökümeti milli opera teatryny gurmak üçin «Opera House» halkara taslama bäsleşigini geçirýär. Bäsleşige 33 ýurtdan 233 taslama hödürlenip, 38 ýaşly daniýaly binagär Ýorn Utson ýeňiji bolýar. 1959-njy ýylda gurluşygyny 4 ýylda tamamlamak meýilleşdirilen taslama 14 ýylda gurlup gutarylýar. Sidneý opera teatry 1973-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II tarapyndan açylýar. Sidneý opera teatry 2005-nji ýylda Awstraliýanyň milli mirasynyň sanawyna, 2007-nji ýylda bolsa ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär.

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

**«Agajy ýaşlygynda eg»**



Durmuşy temada döredilen bu nakylda çaga edep-terbiýe bermegiň, kesp-hünär öwretmegiň, umuman çaganyň geljekde kämil ynsan bolup ýetişmegi ugrundaky aladanyň kiçi ýaşdan başlanmalydygyna üns çekilýär. Ýaş agaç nahalyny islendik tarapa egip, göneldip bolýar. Emma agaç ulalansoň, onuň ösen ugruny aňsatlyk bilen üýtgedip bolmaýar. Bu nakylda agajyň manysynda çaga göz öňünde tutulýar. Çagany haýsy ugra ugrukdyrsaň, nähili terbiýe berseň, geljekde hem şonuň miwesini görýäň. «Egmek» işligi bu ýerde «ugrukdyrmak» diýen manyda gelýär. Bu nakyla ugurdaş äheňde «Çagany – ýaşdan, edebi – başdan» pähimini mysal getirmek bolar.

**10 tapawudy tapyň!**



**Origami**



**Sanlary birleşdiriň!**



**Özüň reňkle!**



# Teatra bagyşlanan ömür

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda medeniýetimiziň pajarlap ösmegine giň ýol açylyp, teatr sungatymyz hem dünýä derejesinde uly ösüşlere eýe boldy, döwrebap spektakllar sahnalaşdyryldy. Türkmen teatr sungaty barha kämilleşip, zehinli artistlerimiziň zähmeti bilen täze spektakllar halka hödürlenýär.



Şeýle artistlerimiziň biri hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş drama teatrynyň zehinli halypa artisti, Türkmenistanyň at gazanan artisti Orazgeldi Durdyýewdir. Men Orazgeldini ir döwürler ozalky Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň sahnasynda sahnalaşdyrylan «Şa gyzy Turandot» atly spektaklda janlandyran Şazada Kalafyň keşbini, şeýle-de «Gala» spektaklynda janlandyran Magtymguly hanyň keşbini döredişini synlanymdan soň onuň döredijiligine hasam anyk göz ýetirdim. Onuň sahnada özüne ynanylan keşbi ussatlyk bilen ýerine ýetirişi her bir tomaşaçyny tolgundyrýar. Şol keşpleri ussatlarça döretmek Orazgeldä başardypdyr. Ol keşpler artistden ýiti zehinden başga-da erjelligi hem talap edýär.

Sahnada hem-de filmlerde janlandyrýan keşplerini synlap, Orazgeldiniň durmuş we döredijilik ýoly bilen okyjylary tanyşdyrmagy makul bildim.

Orazgeldi Durdyýew 1962-nji ýylyň fewral aýynyň 21-ine Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Jemgyýet obasynda dünýä inýär. Ol obasyndaky 3-nji, soňra bolsa 29-njy orta mekdepde orta bilimi alyp, 1979-njy ýylda mekdebi tamamlaýar. Orazgeldi edebiýat we taryh dersleri bilen gyzyklanyp köp okaýar. Şeýdibem onda medeniýete we sungata bolan höwes döreýär. Ol şol wagtky hereket edýän Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň ýanyndaky teatr studiýasyna okuwa girip, bu ýerde Türkmenistanyň halk artisti Ata Alowowdan tälim alýar, kämilleşýär we şol ýerde bir ýyllap okaýar. Şol wagtlar teatryň döredileniniň 50 ýyllygyny bellemäge taýýarlyk görülýän eken. Ýubileý toýa Orazgeldä hem gatnaşmak bagty miýesser edýär. Ol halypalar Ata Durdyýew, Bazar Amanow, Gylyç Berdiýew, Sona-Suraý Myradowalar, Muhammet Çerkezow, Täçbibi Gafurowa, Fahriýa Aliýewa ýaly ägirtler bilen sahnada çykyş etmek bagtyna eýe bolýar. Soňra ol 1982-nji ýylda Gruziýanyň Tbilisi şäherinde Şota Rustaweli adyndaky teatral institutyna okuwa girýär. Orazgeldä teatr studiýada halypa artistlerden öwrenen zatlary kän kömek edýär. Ol drama we kino aktýory bölüminde okap, aktýor ussatlygyny öwrenip başlaýar. Okan döwründe «Doktor Aýbolit» atly sahna eserinde baş keşbi janlandyrýar, bu keşp şowly çykyp, mugallymlarynyň we öz ýoldaşlarynyň öwgüsine mynasyp bolýar. 1986-njy ýylda instituty tapawutlanan diplom bilen tamamlan Orazgeldi Mollanepes teatrynda işe başlaýar. Teatryň ýolbaşçysy Ata Alowow Orazgeldini güler ýüz bilen garşy alýar. Şol wagt teatrda «Mollanepes» atly spektaklyň täzeden işlenip başlan wagty eken. Orazgeldä Atabegiň keşbini janlandyrmagy ynanýarlar. Bu keşp şowly çykandan soň režissýor Orazgeldä baş keşpleri ynanyp başlaýar. Orazgeldi ýüzlerçe keşbi ýerine ýetirip, olaryň köpüsi diýen ýaly baş keşplerdir. Ol «Hökümdarda» Şazada Amant, «Galada» Magtymguly han, «Türkmennamada» Begler begi Orazbeg, «Göroglynyň sawçylarynda» Görogly beg, «Sen söýseň meni» spektaklynda Bally molla, «Watan buýsanjynda» Çingiz han, «Şükür bagşyda» (Dutaryň Owazy) Çapyk han, «Ykbalda» Gylyçly, «Nesimide» Arslan Ataş, «Hindi rowaýatynda» Kotwal, «Depegözde» Baýandyr han, «Dädem Gorkutda» Bamsy Birek, «Medeýada» Egeý, «Täsin söýgüde» Ganojak, «Ependide» Warryk goňşy ýaly ajaýyp keşpleri ýerine ýetirip, tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp boldy. Orazgeldi Durdyýew 1995-nji ýylda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragy bilen sylaglanýar, 1996-njy ýylda bolsa teatr sahnasynda ynanylan keşpleri ussatlyk bilen ýerine ýetirendigi üçin hem-de «Gala» spektaklynda Magtymguly hanyň keşbini ussatlarça ýerine ýetirendigi nazara alnyp, Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly at berilýär.

Sungata bolan söýgüsi Orazgeldini kino sungatyna hem ýakynlaşdyrýar. Ol esasy işiniň daşyndan Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi bilen ýakyndan gatnaşykda bolup, bu ýerde surata düşürilýän filmlerde keşp janlandyryp, ses berip, her bir düşürilýän kinolaryň şowly çykmagyna özüniň yhlasyny siňdirýär. Muňa mysal edip ýakynda surata düşürilen «Ynsan syrdaşy» atly çeper filminde janlandyran Pynhan aganyň keşbini şowly çykan keşp diýip hasap edip bolar. Orazgeldi bu filmde diňe bir keşp janlandyrman, goýujy kinorežissýoryň kömekçisi bolup hem öz goşandyny goşdy. Şonuň ýaly-da, onuň «Dädem Gorkut», «Hüýrlukga-Hemra» atly filmlerdäki döreden keşpleri tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp boldy.

Her bir döwrüň özüne mynasyp, guýmagursak zehinli adamlary bolýar. Öz durmuşyny teatrsyz göz öňüne getirip bilmeýän Türkmenistanyň at gazanan artisti Orazgeldi Durdyýew indi teatrda halypa artistleriň biri. Ol teatrda birnäçe ýaş zehinli artistlere halypalyk edip, teatr döredijiliginiň we sahnasynyň inçe syrlaryny öwredýär.



— Bize halypa-şägirtlik ýoluny açyp beren, ýaş nesliň bilimli, kämil dünýägaraýyşly bolmagy ugrunda alyp barýan döwlet syýasaty, şeýle-de medeniýetimizde we sungatymyzda öçmejek yz goýan ussat halypalarymyzyň döredijiligini öwrenmek üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolup, umumadamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin — diýip, halypa artist Orazgeldi Durdyýew ýürek buýsanjyny beýan etdi.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

# BAFTA baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi





Britan kino akademiýasynyň baýraklary bolan BAFTA-nyň ýeňijileri mälim edildi. Londondaky «Royal Festival Hall»-da geçirilen 76-njy BAFTA baýraklarynda Germaniýa–ABŞ-nyň bilelikdäki önümi bolan, «Netflix» studiýasyna degişli «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» filmi 7 ugur boýunça ýeňiji boldy. Iň gowy film diýlip saýlanan kinony surata düşüren we ssenarsini ýazan Edward Berger iň gowy režissýor, iň gowy ssenariý baýraklaryna laýyk görüldi. Şeýle-de, film iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film baýragyna, şol sanda, iň gowy operator (Jeýms Frend), iň gowy saz (Wolker Bertelmann) hem-de iň gowy ses ugurlary boýunça BAFTA-nyň heýkeljiklerini gazandy. Birinji Jahan urşy baradaky film 14 ugurdan dalaşgär görkezilipdi.

Dabarada iň gowy aktýor baýragy «Elwis» filmindäki Elwis Presliniň keşbini ýerine ýetiren Ostin Batlere, iň gowy aktrisa baýragy-da «Tar» filminde Lidia Taryň keşbini janlandyran oskarly Keýt Blanşette berildi. Bu iki arzyly baýragyň-da aýdym-sazyň görnükli wekilleriniň keşbini janlandyranlara berilmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary «Inişeriniň perisi» filminiň artistlerine degişlilikde, Berri Keogan hem-de Kerri Kondona gowşuryldy. «Inişeriniň perisi» filminiň ssenarisini ýazan filmiň režissýory Martin MakDonah iň gowy asyl ssenariý baýragy bilen sylaglandy. Ýylyň iň köp baýrakly kinolarynyň hatarynda görkezilýän bu kino iň gowy britan filmi diýlip hem saýlandy.

«Gillermo Del Toronyň Buratinosy» multfilminiň iň gowy animasiýa diýlip saýlanan dabarasynda «Nawalnyý» atly ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyna mynasyp boldy. «Inişeriniň perisi» bilen bilelikde 4 heýkeljik gazanan «Elwis» filmi iň gowy kasting, iň gowy grim hem-de iň gowy saç bezegi we makiýaž baýraklaryna laýyk görüldi.

Oskarda iň köp dalaşgärlik gazanan «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmi üçin Londondaky dabara o diýen şowly geçmedi. Filmiň tehniki işgärlerinden Pol Rojers iň gowy montaž baýragyny gazanyp, ekran eseri diňe 1 heýkeljige mynasyp boldy.

«Wawilon» filmi iň gowy çeperçilik bezegi, «Awatar: suwuň ýoly» kinosy-da iň gowy wizual effektler baýraklaryna laýyk görüldi. «Güneşden soň» filminiň režissýory hem-de ssenariçisi Şarlott Wells iň gowy britan ssenariçisiniň, režissýorynyň ýa-da prodýuseriniň ilkinji işi baýragy bilen sylaglandy. «Oglanjyk, körsyçan, tilki we at» atly multfilm iň gowy gysga göwrümli britan animasiýasy diýlip saýlandy. «Irland hoşlaşygy» atly kino iň gowy gysga göwrümli britan filmi baýragyny gazandy.

Dabarada ýylyň ösüp barýan ýyldyzy baýragyna-da ýaş aktrisa Emma Maki mynasyp boldy.

## 76-njy BAFTA baýraklarynyň ýeňijileri:

- **Iň gowy film:** «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy režissýor:** Edward Berger — «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy aktýor:** Ostin Batler — «Elwis» (Elvis)
- **Iň gowy aktrisa:** Keýt Blanşett — «Tar» (Tar)
- **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Berri Keogan — «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)
- **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Kerri Kondon — «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)
- **Iň gowy adaptirlenen ssenariý:** Edward Berger — «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy asyl ssenariý:** Martin MakDonah — «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)
- **Iň gowy animasiýa:** «Gillermo Del Toronyň Buratinosy» (Guillermo del Toro's Pinocchio)
- **Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy operator:** Jeýms Frend — «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy grim:** «Elwis» (Elvis)
- **Iň gowy kasting:** «Elwis» (Elvis)
- **Iň gowy saç bezegi we makiýaž:** «Elwis» (Elvis)
- **Iň gowy saz:** Wolker Bertelmann — «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy ses:** «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front)
- **Iň gowy montaž:** «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once)
- **Iň gowy çeperçilik bezegi:** «Wawilon» (Babylon)
- **Iň gowy wizual effektler:** «Awatar: suwuň ýoly» (Avatar: The Way of Water)
- **Iň gowy dokumental film:** «Nawalnyý» (Navalny)
- **Iň gowy britan filmi:** «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)
- **Iň gowy britan ssenariçisiniň, režissýorynyň ýa-da prodýuseriniň ilkinji işi:** «Güneşden soň» (Aftersun) – Şarlott Wells
- **Iň gowy gysga göwrümli britan animasiýasy:** «Oglanjyk, körsyçan, tilki we at» (The Boy, the Mole, the Fox and the Horse)
- **Iň gowy gysga göwrümli britan filmi:** «Irland hoşlaşygy» (An Irish Goodbye)
- **Ýylyň ösüp barýan ýyldyzy:** Emma Maki



## 10-njy KROSSWORD

**Güljeren BABAÝEWA,** *Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

**DIKLIGINE:** **1.** Tahýanyň depesine keşdelenip salynýan nagyş. **2.** Ylmy işiň we ş.m. mazmunynyň gysgaça beýany. **3.** Bir zady çapmak üçin taplanyp ýasalan saply demir gural. **4.** Kömekçi söz. **5.** Öňki mukdaryndan, göwrüminden şonça gezek köp. **6.** «Sakgaly bar, murty ýok» (matal). **7.** Habar ýetirmek üçin ýörite iberilýän atly habarçy. **8.** Tegelek halka görnüşli ýüzüne gyzyl çaýylan kümüş şaý. **9.** Meşhur iňlis ýazyjysy, dramaturg Wilýam .... **14.** Böri, möjek. **15.** ...-jenjel. **18.** Beden agzasy. **19.** Hoşamaýlyk, mylaýymlyk. **21.** Tahallus. **22.** Geýim-gejimiň, ýorganyň we ş.m. iç ýüzünden tutulýan mata. **24.** «Depä çykasym gelýär, ... bogasym gelýär» (läle). **25.** Ýabany pişigiň bir görnüşi. **26.** Uly gözli iňňe. **29.** Deňiz jandary. **30.** Gadymy ýapon söweşijisi. **32.** Togalanyp guradylan süzme. **33.** Şweýsariýada bir şäher. **35.** Bir işi amala aşyrmagyň ugur-ýoluny bilmeýän, başarnyksyz. **36.** Daş-töweregi boşluk, çetdelik. **38.** Suwuň akan ugry. **39.** Gylyk-häsiýetinde ýeňlesligi bolmadyk, edepli-ekramly. **41.** Aram gyzgyn howa. **42.** San. **43.** «Ikisi ýola bakýar, dördüsi köke ýapýar, otuz ikisi ýandak çapýar» (matal).

**KESELIGINE:** **1.** Ýyldyz. **7.** Alty-on bir aý aralygyndaky, ýaşyna ýetmedik owlak. **10.** Ýeriň daş-töweregini gurşap alýan gaz görnüşli gatlak. **11.** Balygyň bir görnüşi. **12.** Içi düşen, içi zaýalanan ýumurtga. **13.** Drama eseri. **16.** Wäşi, degişgen. **17.** Keseki, duşman. **20.** Garyndaşlyk aňladýan söz. **23.** Miwe. **25.** 100 santimetre barabar bolan uzynlyk ölçeg birligi. **27.** Akylly, parasatly. **28.** Bir işi amala aşyrmak üçin, çagyryş bilen köpçülige ýüzlenme. **29.** Russiýada bir şäher. **31.** Okuw dersi. **34.** Şol bir zady gaýtalap durmak, ýagyr etmek. **37.** Dogry, dürs. **39.** Bir janly organizmiň ýaýran sebiti, ýaýrawy. **40.** Ýurdumyzda bir dag. **44.** Gymmatbaha deri. **45.** Oglan ady. **46.** Saz guraly. **47.** Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. **48.** Çägeliklerde bitýän, gurakçylyga çydamly pürli agaç.

9-njy krosswordyň jogaby:



6-njy skanwordyň jogaby:






## 7-nji SKANWORD

**Abat BERDIÝEWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Bir sözlemde...

Tennis boýunça Niderlandlaryň Rotterdam şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «ABN AMRO Açyk» ýaryşynda russiýaly Daniil Medwedew finalda italiýaly Ýannik Sinnerden 5:7, 6:2, 6:2 hasaplar bilen üstün çykyp, ATP bäsleşiklerindäki 16-njy kubogyny asmana göterdi.

Buenos Aýres şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Argentina Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda ispaniýaly Karlos Alkaras britaniýaly Kameron Norrini 6:3 we 7:5 hasaplar bilen ýeňip, 7-nji çempionlygyny gazandy.

ABŞ-nyň Florida ştatynda erkekleriň arasynda «Delray Beach Açyk» ady bilen geçirilen tennis bäsleşiginde ýerli Teýlor Frits çempion bolup, ol finalda serbiýaly Miomir Keçmanowiçi 6:0, 5:7 we 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

«Katar Açyk» zenanlar tennis ýaryşynda polşaly Iga Şwentek bassyr 2-nji gezek çempionlyk gazanyp, ol finalda amerikaly Jessika Peguladan 6:3 we 6:0 hasaplar bilen üstün çykdy we karýerasyndaky 12-nji kubogyny gazandy.

Russiýaly belli futbolçy, SSKA, «Çelsi», «Anži», «Dinamo M», «Zenit», «Himki» klublarynda oýnan Ýuriý Žirkow 39 ýaşynda professional futbol bilen hoşlaşandygyny habar berip, 21 kubok gazanan oýunçy milli ýygyndyda 105 duşuşyk geçirdi.

«La Liganyň» wekili «Barselona» topary «Los Anjeles Galaksi» klubundan meksikaly goragçy Hulian Arauhony 4 million ýewro transfer edip, 21 ýaşyndaky oýunçy bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

Angliýanyň «Premier Ligasynda» 19 utuk bilen 19-njy orunda barýan «Lids Ýunaýted» topary wezipeden boşadan amerikaly tälimçisi Jesse Marçyň ornuna 52 ýaşyndaky ispaniýaly Hawi Garsiýany belledi.

Dünýäniň iň köp tomaşa edilýän ýaryşlarynyň hatarynda bolan NASKAR awtoulag bäsleşiginiň 65-nji möwsümine badalga berlip, hemişekiler ýaly möwsümiň ilkinji ýaryşy Daýtona 500-de (Florida) «JTG Daugherty Racing» toparynyň sürüjisi Riki Stenhauz Junior özüniň «Chevrolet» kysymly ulagy bilen ýeňiş gazandy.

Hepdäniň ýekşenbe güni, has takygy, 26-njy fewralda Angliýanyň Liga Kubogynyň (EFL Cup) final duşuşygy geçirilip, 21:30-da (Aşgabat wagty bilen) başlanjak oýunda «Mançester Ýunaýted» bilen «Nýukasl» toparlary duşuşar.

### ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

**25-nji fewral:** *Leipsig–Aýntraht (19:30), Lester–Arsenal (20:00), Empoli–Napoli (22:00),* ***Real Madrid–Atletiko (22:30)****, Bornmut–Mançester Siti (22:30), Krisatal Palas–Liwerpul (00:45), Walensiýa–Real Sosiedad (01:00)*

**26-njy fewral:** ***Tottenham–Çelsi (18:30)****, Fraýburg–Baýer (19:30), Monako–Nissa (21:05),* ***Bawariýa–Union Berlin (21:30)****, Almeriýa–Barselona (22:30),* ***Milan–Atalanta (00:45), Marsel–PSŽ (00:45)***

**28-nji fewral:** *Ýuwentus–Torino (00:45)*

**1-nji mart:** ***Arsenal–Ewerton (00:45),*** *Liwerpul–Wulwerhempton (01:00)*

# Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary tamamlandy

### «REAL MADRID» ÇÄRÝEK FINALYŇ BOSAGASYNDA

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň öňe saýlanýan duşuşyklarynyň birinde geçen ýylyň finalynda çykyş eden iki klub – «Liwerpul» bilen «Real Madrid» duşuşdy. «Enfildde» oýnalan oýna «Liwerpul» diýseň erjel başlady. Eýýäm 4-nji minutda Salahyň pasyndan soň Darwin Nuňýes topugy bilen topy derweze girizdi. Bu goldan 10 minut soňam, Salahyň özi tapawutlandy. Ol derwezeçi Kurtuanyň uly ýalňyşlygyndan ýerlikli peýdalandy. «Liwerpulyň» Çempionlar Ligasyndaky iň netijeli oýunçysy bolan Salah (42) bu ugurda Stiwen Jerrarddan öňe saýlandy. Müsürli futbolçy umumylykda Çempionlar Ligasyndaky 44-nji goluny geçirip, ýaryşyň iň köp gol geçiren afrikaly futbolçysy Didie Drogbanyň rekordyna şärik boldy. «Real Madrid» 2–0 öňe saýlanan «Liwerpuly» soňlugy bilen, bu gollary geçirenine puşman etdirdi. 2–0-dan soň bilini berk guşan Ançelottiniň şägirtleri dessine hasaby deňlemegi başardy. 21-nji minutda owadan urgy geçiren Winisius Junior 36-njy minutda-da Alisson Bekeriň ýalňyşlygyndan ýerlikli peýdalanyp hasaby deňledi. Braziliýaly oýunçy bassyr 3 möwsümden bäri «Liwerpulyň» derwezesinden gol geçirip gelýär. 2-nji ýaryma-da «Real Madrid» gol bilen başlady. 47-nji minutda Eder Militao kelle urgusy bilen «Realy» öňe çykardy. 55-nji minutda-da Karim Benzema şu möwsümdäki ilkinji goluny geçirip, bassyr 19 kalendar senenamasy boýunça Çempionlar Ligasynda gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Şeýle-de ol möwsüm babatda 18-nji möwsümde-de gol geçirip, Lionel Messiniň rekordyny gaýtalady. Bu goldan 11 minutdan soň ýene-de tapawutlanan Karim Benzema oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, 5–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» çärýek finalyň bosagasyndan ilkinji uly ädimini ätdi. «Real Madrid» «Liwerpuly» soňky 7 duşuşykda 6-njy gezek ýeňlişe sezewar etdi.



«Liwerpul» topary taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda öz meýdançasynda 5 gol geçirtdi. Şeýle-de, umumylykda 57 ýyldan soň Ýewrokuboklarda 5 gol geçirden «Liwerpul» pleý-off tapgyrynyň ilkinji duşuşygynda ilkinji gezek öz meýdançasynda angliýaly bolmadyk klubdan asgyn geldi.









### «NAPOLI» ULY MÜMKINÇILIK GAZANDY

Mundan öňki özara 2 oýunda-da «Napolini» 1–0 hasaplar bilen ýeňen «Aýntraht» toparyna bu gezek şol başarnygyny gaýtalamak başartmady. Frankfurtdaky «Waldstadion» stadionynda oýnalan oýunda «Napoli» 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Italýan klubuna ýeňiş getiren gollary 40-njy minutda Wiktor Osimhen bilen 65-nji minutda Jowanni Di Lorenzo geçirdi. Oýnuň 36-njy minutynda 2-nji goluň pasyny beren Hwiça Kwarasheliýanyň ýerine ýetiren penalti urgusyny derwezeçi saklamagy başardy. Duşuşygyň 58-nji minutynda «Aýntrahtyň» fransiýaly hüjümçisi Randal Kolo-Muani gyzyl kart aldy.

Jogap duşuşyklary 15-nji martda oýnalar.

* * *

1/8 finalyň çarşenbe güni oýnalan oýunlarynyň birinde «Leipsig» bilen «Mançester Siti» duşuşdy. Oýnuň 27-nji minutynda goragçylaryň ýalňyşlygyndan soň «Mançester Siti» Riýad Mahreziň goly esasynda 1–0 öňe saýlandy. Şondan soňam iňlis kluby birnäçe howply pursatlary döretse-de, olara hasaby artdyrmak başartmady. Duşuşygyň 70-nji minutynda «Leipsig» toparynyň horwatiýaly goragçysy Ýosko Gwardiol hasaby deňledi. Galan minutlarda-da hasap üýtgemedi we duşuşyk 1–1 deňlikde tamamlandy. Duşuşykda Pep Guardiola ýeke oýunçysyny hem çalyşmady. Çempionlar Ligasynda şeýle waka 2018-nji ýyldan soň ilkinji gezek bolýar. 2018-nji ýylyň oktýabrynda «Mançester Ýunaýted» «Ýuwentus» bilen geçiren oýnunda ýeke oýunçy hem çalyşmandy.

* * *

«San Siro» stadionynda ýerli «Inter» Portugaliýanyň «Porto» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýnuň ykbalyny bir gol kesgitledi. Şol goly-da 86-njy minutda Romelu Lukaku öz adyna ýazdyrdy. Birnäçe amatly pursatlarda derwezeçi Onanany geçip bilmedik «Porto» toparyndan Otawio 78-nji minutda 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy. «Inter» topary 1/8 finaldaky soňky 9 oýunda ilkinji sapar 1-nji duşuşykda ýeňiş gazanmagy başardy (4 deňlik, 4 ýeňliş). «Porto» topary bolsa şu möwsümde ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, oktýabr aýyndan bäri ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Jogap duşuşyklary 14-nji martda geçiriler.

Şunlukda, UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary tamamlandy. Häzirlikçe çärýek finala iň golaý topar «Real Madrid» bolup, Ispaniýadaky duşuşykda garaşylmadyk uly netije ýüze çykmadyk ýagdaýynda soňky çempion ýoluny dowam etdirer. Şeýle-de, «Benfikadyr» «Napoliniň» hem uly mümkinçilik gazanandygyny belläliň. 4 iňlis klubunyň hiç biriniň hem ýeňiş gazanyp bilmändigini hem belläliň. Galan çärýek finalçylar jogap oýunlardan soň belli bolar. Jogap duşuşyklaryna bolsa bir hepdelik arakesmeden soň geçiriler. Mart aýynyň ilkinji 2 hepdesinde jogap oýunlaryda tamamlanar we çärýek finalçylaryň ähli̇si belli bolar. Ýagny 7–8-nji we 14–15-nji martda oýnaljak jogap oýunlaryndan soň, 17-nji martda çärýek finalyň bijeleri çekiler.

# UEFA Ýewropa Ligasy

UEFA Ýewropa Ligasynda UEFA Çempionlar Ligasyny ýadyňa salýan duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Ýagny «Barselona» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» kabul edip, 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Oýnuň 50-nji minutynda «Barselonadan» Markos Alonso hasaby açdy. Ýöne iňlis klubunyň jogaby gijikmedi. Soňky aýlaryň iň netijeli oýunçysy Markuş Reşford bu duşuşygy hem boş tamamlamady. Ol 53-nji minutda hasaby deňledi. 59-njy minutda ýene-de Reşfordyň tagallasy bilen «Mançester Ýunaýted» öňe saýlandy. Bu goly Žýul Kunde ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Oýnuň 76-njy minutynda-da Rafinýanyň uzakdan batly urgusynda top hiç bir futbolça degmän derweză girdi we hasap deňlendi. Duşuşykda şikes alan Pedri hem-de sary kart alan Gawi jogap duşuşygynda çykyş edip bilmez.



«Ýuwentus» öz meýdançasynda «Nant» bilen 1–1 deňme-deň oýnady (Wlahowiç 13 — Blas 60). Edil şonuň ýaly netije «Sporting» bilen «Midtýullanyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, portugal kluby 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy (Koates 90+4 – Aşur 77). «Aýaks» bilen «Union Berliniň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. «Şahtýor Doneskiň» «Renn» toparyny 2–1 (Kriskiw 11, Bondarenko 45 p — Toko Ekambi 59) ýeňen tapgyrynda «RB Salsburg» öz meýdançasynda «Romadan» Kapaldonyň 88-nji minutdaky goly esasynda 1–0 üstün çykdy. 5 goluň geçirilen duşuşygynda-da «Baýer» öz meýdançasynda «Monakodan» 3–2 asgyn geldi. Fransuz kluby ýeňiş goluny 90-njy minutdan soň geçirdi (Diabi 48, Wirts 59 – Hradeki 9 ö.d., Diatta 74, Disasi 90+2). Bu kubogy iň köp gazanan topar «Sewilýa» ýene-de şol ýeňişleriniň hataryna birini goşmak üçin ilkinji ädimi şowly tamamlady. Öz meýdançasynda PSW-ni En-Nesiriniň (45+2), Okamposyň (50) hem-de Gudelžiň (55) owadan gollary bilen 3–0 ýeňen «Sewilýa» 1/8 finala çykmak ugrunda uly mümkinçilik gazandy.

**Ýewropa Ligasynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlarynyň netijeleri:** «Ýuwentus»–«Nant»: 1-1, «Sewilýa»–«PSW Eýndhowen»: 3–0, «Aýaks»–«Union Berlin»: 0–0, «RB Salsburg»–«Roma»: 1–0, «Baýer»–«Monako»: 2–3, «Barselona»–«Mançester Ýunaýted»: 2–2, «Şahtýor Donesk»–«Renn»: 2–1, «Sporting»–«Midtýullan»: 1–1.

### 6 DUŞUŞYK IŇ KIÇI HASAP BILEN TAMAMLANDY

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da 8 oýnuň 6-sy birmeňzeş hasap bilen tamamlandy. Ýagny ýeňiş gazanan toparlaryň 6-sy 1–0 hasabynda üstün çykdy. «Garabag» öz meýdançasynda «Genti» (Andrade 78), «Trabzonspor» «Bazeli» (Stryger Larsen 65), «Lasio» «KFR Klužy» (Immobile 45+4), «AEK Larnaka» «Dnepr-1» toparyny (Garsiýa 84), «Ludogores Razgrad» «Anderlehti» (Tiago 9), «Partizan» bolsa myhmançylykda «Şerif» toparyny 1–0 (Gomes 45) hasabynda ýeňdi. «Bodo-Glimt» bilen «Leh Poznanyň» arasyndaky oýunda-da hasap açylmady. «Fiorentina» bolsa myhmançylykda «Bragany» Ýowiç (45+1, 60) we Kabralyň (79, 90) gollary bilen 4–0 ýeňip, 1/8 finala çykmaga uly mümkinçilik gazandy. Duşuşygy «Braga» 1 oýunçy kem tamamlady.



**Ýewropa Konferensiýa Ligasynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlarynyň netijeleri:** «Garabag»–«Gent»: 1–0, «Trabzonspor»–«Bazel»: 1–0, «Lasio»–«KFR Kluž»: 1–0, «AEK Larnaka»–«Dnepr-1»: 1–0, «Ludogores Razgrad»–«Anderleht»: 1–0, «Şerif»–«Partizan»: 0–1, «Bodo-Glimt»–«Leh Poznan»: 0–0, «Braga»–«Fiorentina»: 0–4.

# LeBronyň toparynyň ilkinji ýeňlişi

**Amerikan Basketbol ligasy NBA-nyň iň özüne çekiji şüweleňi hasaplanýan «All-Star» duşuşygy geçirildi. Günbatar hem-de Gündogar konferensiýalaryň ýyldyzlary bolan LeBronyň hem-de Ýannisiň toparlary ady bilen geçirilen 72-nji «All-Star» duşuşygy Ýuta ştatyndaky Solt Leýk Siti şäherinde oýnaldy. Gyzykly we şowhunly geçen duşuşykda Ýannis Antetokunmponyň topary 184:175 hasabynda ýeňiş gazandy. Şunlukda, duşuşyk şu formatda geçirilip başlanyndan bäri LeBronyň topary ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. LeBron Jeýms 19-njy gezek «All-Star» duşuşygynda çykyş edip, bu ugurda NBA-nyň rekordyny goýdy. Rowaýaty basketbolçy Karim Abdul Jabbar hem 19 gezek «All-Star»-a saýlanypdy, ýöne ol şolaryň birinde meýdança çykmandy.**

**Duşuşykda LeBronyň toparynda esasy düzümde, ýyldyz oýunçynyň özi bilen bir hatarda, Kaýr Irwing, Luka Donçiç, Joel Embiid, Nikola Ýokiç dagy, Ýannisiň toparynda-da ýyldyz oýunçy bilen bilelikde, Ja Morant, Donowan Mitçell, Jeýson Tatum hem-de Lauri Makkanen çykyş etdi. Maýkl Maloneniň tälim beren LeBronyň toparynda Antoni Edwards, Jeýlen Brawn, Pol Jorj, Taýris Halibörten, Julius Rendl, De'Aaron Foks, Ýaren Jekson, şol sanda, Jou Mazzullanyň tälimçiligindäki Ýannisiň toparynda da Damian Lillard, Jrue Holideý, Şeý Žiljes-Aleksander, DeMar DeRozan, Paskal Siakam, Bam Adebaýo hem-de Domantas Sabonis ätiýaçda oturyp, wagtal-wagtal meýdança çykdy.**

**Duşuşygyň iň gymmatly oýunçysy diýlip Jeýson Tatum saýlandy. 24 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy 55 utuk geçirip, «NBA All-Star»-yň rekordyny täzeledi. Mundan öňki rekord 2017-nji ýyldaky «All-Star»-da 52 utuk geçiren Antoni Dewise degişlidi.**



**Ýannisiň toparynda Mitçell 40 utuk, LeBronyň toparynda bolsa Brawn 35, Irwing bilen Embiid hem 32 utuk geçirdiler.**

**Üç utuk geçirmek ýaryşynda «Portlend Treýl Bleýzers» toparynyň ýyldyzy Damian Lillard 26 utuk bilen 1-nji ýeri eýeledi. Ukyp bäsleşiginde-de Jordan Klarkson, Wolker Kessler we Kollin Sekston dagydan düzülen «Ýuta Jazz» topary ýeňiji boldy. Topy basyp salmak (slum dunk) boýunça geçirilen ýaryşda-da «Filadelfiýa 76ers» toparyndan Mak MakKlung ýeňiş gazandy.**

### PREMIER LEAGUE (24) – 21 gol

**Aston Willa—Arsenal: 2–4** (Watkins 5, Koutinio 31 — Saka 16, Zinçenko 61, Martines 90+3 ö.d., Martinelli 90+8), **Wulwerhampton—Bornmut: 0–1** (Tawernie 49), **Nottingam—Man. Siti: 1–1** (Wud 87 — Bernardo Silwa 41), **Ewerton—Lids: 1–0** (Koulmen 64), **Çelsi—Southempton: 0–1** (Ward-Prouz 45+1), **Braýton—Fulham: 0–1** (Solomon 88), **Brentford—K. Palas: 1–1** (Ýanelt 90+6 – Eze 69), **Nýukasl—Liwerpul: 0–2** (Nuňýes 10, Gakpo 17), **M. Ýunaýted—Lester: 3–0** (Reşford 25, 58, Sanço 62), **Tottenham—West Ham: 2–0** (Emerson 56, Son Hyn Min 72)

### LA LIGA (22) – 28 gol

**Žirona—Almeriýa: 6–2** (Kastelýanos 8, Sygankow 34, Rikelme 36, Hernandes 43, Martin 77, Stuani 79 – Ramazani 66, Ture 81), **R. Sosiedad—Selta: 1–1** (Oýarzabal 5 – Le Norman 90+3 ö.d.), **Betis—Walýadolid: 2–1** (Huanmi 2, Kanales 45+4 – Larin 30), **Malýorka—Wilýarreal: 4–2** (Kadewere 20, Dani Rodriges 45, 56, Muriki 63 – Morales 43, Çukwueze 50), **Osasuna—Real Madrid: 0–2** (Walwerde 78, Asensio 90+2), **Elçe—Espanýol: 0–1** (Darder 90+3), **R. Wallekano—Sewilýa: 1–1** (Ležen 65 – Suso 29), **Atletiko—Atletik: 1–0** (Grizmann 73), **Barselona—Kadis: 2–0** (Serhi Roberto 43, Lewandowski 45+1), **Hetafe—Walensiýa: 1–0** (Maýoral 82)

### SERIE A (23) – 24 gol

**Sassuolo—Napoli: 0–2** (Kwarasheliýa 12, Osimhen 33), **Sampdoriýa—Bolonýa: 1–2** (Sabiri 68 p – Soriano 27, Orsolini 90), **Monza—Milan: 0–1** (Messias 31), **Inter – Udineze: 3–1** (Lukaku 20 p, Mhitaryan 73, Martines 89 – Lowriç 43), **Atalanta—Leçce: 1–2** (Hoýlunn 87 – Sisseý 4, Blen 74), **Salernitana—Lasio: 0–2** (Immobile 60, 69 p), **Fiorentina—Empoli: 1–1** (Kabral 85 – Kambiýagi 29), **Spesiýa—Ýuwentus: 0–2** (Ken 32, Di Mariýa 66), **Roma—Werona: 1–0** (Solbakken 45), **Torino—Kremonese: 2–2** (Sanabriýa 41 p, Singo 79 – Tsajut 54, Waleri 74)

### LIGUE 1 (24) – 30 gol

**Oser—Lion: 2–1** (Perren 50 p, Žubal 53 – Dembele 36), **Nissa—Reýms: 0–0, Strasbur—Anže: 2–1** (Diallo 14, 42 – Bentaleb 73 p), **Brest—Monako: 1–2** (Le Duaron 86 – Golowin 39, Boadu 73), **Loriýan—Aýaçço: 3–0** (Dieng 6 p, Fewr 43, Ponso 58), **Renn—Klermon: 2–0** (Kalimuendo 37, 64), **PSŽ—Lill: 4–3** (Mbappe 12, 87, Neýmar 17, Messi 90+5 – Diakite 24, Dewid 58 p, Bamba 69), **Trua—Monpelie: 0–1** (Hazri 90), **Lans—Nant: 3–1** (Maçado 34, Tomasson 36, Traore 74 ö.d – Molle 40), **Tuluza—Marsel: 2–3** (Dallinga 3, Onaýwu 87 – Mbemba 52, Ünder 59, Tawareş 79)

### BUNDESLIGA (21) – 26 gol

**Augsburg—Hoffenhaým: 1–0** (Ýensen 88), **Wolfsburg—Leipsig: 0–3** (Forsberg 14, Laýmer 85, Soboslai 90+2), **Ştutgart—Köln: 3–0** (Žil Diaş 9, Sosa 59, Kulibali 74), **Bohum—Fraýburg: 0–2** (Gregoriç 39, Höller 51), **Borussiýa M—Bawariýa: 3–2** (Ştindl 13, Hofmann 55, Turam 84 – Şupo-Moting 35, Tel 90+3), **Aýntraht—Werder: 2–0** (Fridl 8 ö.d., Kolo Muani 52), **Union Berlin—Şalke: 0–0, Borussiýa D—Herta: 4–1** (Adeýemi 27, Malen 32, Roýs 76, Brandt 90 – Tusar47), **Baýer—Maýns: 2–3** (Amiri 32, Şik 58 – Kasi 26, Barreýro 45+4, Ingwartsen 82 p)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 23 | 17 | 3 | 3 | 51-23 | 54 |
| 2 | MAN. SITI | 24 | 16 | 4 | 4 | 60-24 | 52 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 24 | 15 | 4 | 5 | 41-28 | 49 |
| 4 | TOTTENHAM | 24 | 13 | 3 | 8 | 44-35 | 42 |
| 5 | NÝUKASL | 23 | 10 | 11 | 2 | 35-15 | 41 |
| 6 | FULHAM | 24 | 11 | 5 | 8 | 35-30 | 38 |
| 7 | BRAÝTON | 22 | 10 | 5 | 7 | 39-29 | 35 |
| 8 | LIWERPUL | 22 | 10 | 5 | 7 | 38-28 | 35 |
| 9 | BRENTFORD | 23 | 8 | 11 | 4 | 37-30 | 35 |
| 10 | ÇELSI | 23 | 8 | 7 | 8 | 23-23 | 31 |
| 11 | ASTON WILLA | 23 | 8 | 4 | 11 | 28-38 | 28 |
| 12 | K. PALAS | 23 | 6 | 8 | 9 | 21-31 | 26 |
| 13 | NOTTINGAM | 23 | 6 | 7 | 10 | 18-38 | 25 |
| 14 | LESTER | 23 | 7 | 3 | 13 | 36-41 | 24 |
| 15 | W. HEMPTON | 23 | 6 | 5 | 12 | 17-32 | 23 |
| 16 | EWERTON | 23 | 5 | 6 | 12 | 17-30 | 21 |
| 17 | BORNMUT | 23 | 5 | 6 | 12 | 21-44 | 21 |
| 18 | WEST HAM | 23 | 5 | 5 | 13 | 19-29 | 20 |
| 19 | LIDS | 23 | 4 | 7 | 12 | 28-39 | 19 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 23 | 5 | 3 | 15 | 19-40 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 26 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 17 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 14 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 14 |
| 5 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 22 | 19 | 2 | 1 | 45-7 | 59 |
| 2 | REAL MADRID | 22 | 16 | 3 | 3 | 46-17 | 51 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 22 | 13 | 4 | 5 | 32-22 | 43 |
| 4 | ATLETIKO | 22 | 12 | 5 | 5 | 31-17 | 41 |
| 5 | BETIS | 22 | 11 | 4 | 7 | 29-23 | 37 |
| 6 | R. WALLEKANO | 22 | 9 | 7 | 6 | 29-24 | 34 |
| 7 | ATLETIK B | 22 | 9 | 5 | 8 | 31-23 | 32 |
| 8 | MALÝORKA | 22 | 9 | 4 | 9 | 20-22 | 31 |
| 9 | WILÝARREAL | 22 | 9 | 4 | 9 | 24-22 | 31 |
| 10 | OSASUNA | 22 | 8 | 6 | 8 | 19-21 | 30 |
| 11 | ŽIRONA | 22 | 7 | 6 | 9 | 33-33 | 27 |
| 12 | SEWILÝA | 22 | 6 | 7 | 9 | 24-30 | 25 |
| 13 | ESPANÝOL | 22 | 5 | 9 | 8 | 27-33 | 24 |
| 14 | SELTA | 22 | 6 | 6 | 10 | 23-34 | 24 |
| 15 | WALÝADOLID | 22 | 7 | 3 | 12 | 16-30 | 24 |
| 16 | HETAFE | 22 | 5 | 7 | 10 | 19-28 | 22 |
| 17 | ALMERIÝA | 22 | 6 | 4 | 12 | 27-40 | 22 |
| 18 | KADIZ | 22 | 5 | 7 | 10 | 17-35 | 22 |
| 19 | WALENSIÝA | 22 | 5 | 5 | 12 | 26-27 | 20 |
| 20 | ELÇE | 22 | 1 | 6 | 15 | 15-45 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 15 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 11 |
| 3 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 11 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 9 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 9 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 23 | 20 | 2 | 1 | 56-15 | 62 |
| 2 | INTER | 23 | 15 | 2 | 6 | 44-27 | 47 |
| 3 | ROMA | 23 | 13 | 5 | 5 | 30-19 | 44 |
| 4 | MILAN | 23 | 13 | 5 | 5 | 39-30 | 44 |
| 5 | LASIO | 23 | 12 | 6 | 5 | 39-19 | 42 |
| 6 | ATALANTA | 23 | 12 | 5 | 6 | 42-26 | 41 |
| 7 | ÝUWENTUS | 23 | 14 | 5 | 4 | 36-17 | 32 |
| 8 | BOLONÝA | 23 | 9 | 5 | 9 | 30-33 | 32 |
| 9 | TORINO | 23 | 8 | 7 | 8 | 24-25 | 31 |
| 10 | UDINEZE | 23 | 7 | 9 | 7 | 31-28 | 30 |
| 11 | MONZA | 23 | 8 | 5 | 10 | 28-31 | 29 |
| 12 | EMPOLI | 23 | 6 | 10 | 7 | 22-29 | 28 |
| 13 | LEÇÇE | 23 | 6 | 9 | 8 | 24-26 | 27 |
| 14 | FIORENTINA | 23 | 6 | 7 | 10 | 24-30 | 25 |
| 15 | SASSUOLO | 23 | 6 | 6 | 11 | 26-35 | 24 |
| 16 | SALERNITANA | 23 | 5 | 6 | 12 | 25-44 | 21 |
| 17 | SPESIÝA | 23 | 4 | 7 | 12 | 19-39 | 19 |
| 18 | WERONA | 23 | 4 | 5 | 14 | 20-34 | 17 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 23 | 2 | 5 | 16 | 11-38 | 11 |
| 20 | KREMONEZE | 23 | 0 | 9 | 14 | 17-42 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 18 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 13 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 12 |
| 4 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 10 |
| 5 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 10 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 24 | 18 | 3 | 3 | 59-23 | 57 |
| 2 | MARSEL | 24 | 16 | 4 | 4 | 48-22 | 52 |
| 3 | MONAKO | 24 | 15 | 5 | 4 | 53-31 | 50 |
| 4 | LANS | 24 | 14 | 7 | 3 | 38-19 | 49 |
| 5 | RENN | 24 | 13 | 4 | 7 | 44-28 | 43 |
| 6 | LILL | 24 | 12 | 5 | 7 | 43-31 | 41 |
| 7 | LORIÝAN | 24 | 11 | 6 | 7 | 38-35 | 39 |
| 8 | NISSA | 24 | 10 | 8 | 6 | 30-21 | 38 |
| 9 | LION | 24 | 10 | 5 | 9 | 36-27 | 35 |
| 10 | REÝMS | 24 | 7 | 13 | 4 | 30-26 | 34 |
| 11 | TULUZA | 24 | 9 | 5 | 10 | 41-42 | 32 |
| 12 | KLERMON | 24 | 8 | 6 | 10 | 24-33 | 30 |
| 13 | NANT | 24 | 6 | 10 | 8 | 25-29 | 28 |
| 14 | MONPELIE | 24 | 8 | 2 | 14 | 35-45 | 26 |
| 15 | STRASBUR | 24 | 4 | 9 | 11 | 29-42 | 21 |
| 16 | BREST | 24 | 4 | 8 | 12 | 25-40 | 20 |
| 17 | TRUA | 24 | 4 | 7 | 13 | 33-53 | 19 |
| 18 | OSER | 24 | 4 | 6 | 14 | 21-48 | 18 |
| 19 | AÝAÇÇO | 24 | 5 | 3 | 16 | 18-45 | 18 |
| 20 | ANŽE | 24 | 2 | 4 | 18 | 20-50 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 15 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 15 |
| 3 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 15 |
| 4 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 14 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 14 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 21 | 12 | 7 | 2 | 61-21 | 43 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 21 | 14 | 1 | 6 | 44-27 | 43 |
| 3 | UNION BERLIN | 21 | 13 | 4 | 4 | 35-24 | 43 |
| 4 | FRAÝBURG | 21 | 12 | 4 | 5 | 34-31 | 40 |
| 5 | LEIPSIG | 21 | 11 | 6 | 4 | 43-26 | 39 |
| 6 | AÝNTRAHT | 21 | 11 | 5 | 5 | 42-29 | 38 |
| 7 | WOLFSBURG | 21 | 8 | 6 | 7 | 38-29 | 30 |
| 8 | BORUSSIÝA M | 21 | 8 | 5 | 8 | 38-35 | 29 |
| 9 | MAÝNS | 21 | 8 | 5 | 8 | 33-34 | 29 |
| 10 | BAÝER | 21 | 8 | 3 | 10 | 35-35 | 27 |
| 11 | WERDER | 21 | 8 | 3 | 10 | 31-41 | 27 |
| 12 | KÖLN | 21 | 6 | 8 | 7 | 32-34 | 26 |
| 13 | AUGSBURG | 21 | 7 | 3 | 11 | 26-36 | 24 |
| 14 | ŞTUTGART | 21 | 4 | 7 | 10 | 26-36 | 19 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 21 | 5 | 4 | 12 | 29-40 | 19 |
| 16 | BOHUM | 21 | 6 | 1 | 14 | 24-51 | 19 |
| 17 | HERTA | 21 | 4 | 5 | 12 | 25-40 | 17 |
| 18 | ŞALKE | 21 | 2 | 7 | 12 | 14-41 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 13 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 3 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 11 |
| 4 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 11 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 10 |

# «BARSELONANYŇ» TÄZE REKORDLARY

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň öňdebaryjy 2 topary-da 2–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, «Barselona» öz meýdançasynda «Kadizden» 3 minutda geçiren gollary esasynda 2–0 üstün çykdy. Katalonlara ýeňiş getiren gollary Serhio Roberto (43) we onuň pasyndan soň Robert Lewandowski (45+1) geçirdi. Şu möwsümde 22 duşuşygyň 17-sinde derwezesine gol geçirtmedik «Barselona» çempionatyň rekordyny täzeledi. Mundan öňki rekord 16 duşuşyk bilen «Deportiwo» toparyna degişlidi (1993/94). 22 oýunda 7 gol geçirden katalonlar bu ugurda-da «La Liganyň» rekordyny täzeledi. Öňki rekordlar 22 oýunda 9 gol geçirden «Barselona» (1986/87), «Deportiwo» (1993/94) hem-de «Atletiko» (2017/18) klublaryna degişlidi. «Barselona» 13 oýundan bäri çempionatda ýeňlişsiz barýar. «Real Madrid» hem myhmançylykda «Osasunany» Walwerde (78) hem-de Asensionyň (90+2) gollary esasynda 2–0 ýeňdi. «Atletikonyň» «Atletigi» Grizmannyň goly bilen 1–0 ýeňen tapgyrynda «Sewilýa» myhmançylykda «Raýo Wallekano» bilen utuklary paýlaşdy.





### MBAPPE 150 GOL GEÇIREN IŇ ÝAŞ FUTBOLÇY

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ topary öz meýdançasynda «Lill» toparyny kabul edip, kynlyk bilen ýeňlişe sezewar etdi. Mbappe (12) we Neýmaryň (17) gollary esasynda 2–0 öňe saýlanan parižliler «Lilliň» 3 goluna çäre tapyp bilmedi. Ýöne oýnuň ahyrlarynda super ýyldyzlar — Mbappe (87) bilen Messi (90+5) tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getirdiler. PSŽ topary Mbappeniň «Park de Prens» stadionynda gol geçiren 52-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Messi bolsa jerime urgusyndan 61-nji goluny geçirip, toparyna 3 utuk gazandyran oýunçy boldy. Mbappe Ligue 1-de 150 gola ýeten iň ýaş futbolçy bolup, Žýust Fonteniň 64 ýyllyk rekordyny täzeledi.

### «ARSENAL» TÄZEDEN LIDERLIGE DOLANDY

**Angliýanyň çempionatynda** myhmançylykda «Aston Willany» 90-njy minutdan soň geçiren 2 goly esasynda 4–2 ýeňen «Arsenal» kluby, «Mançester Sitiniň» hem myhmançylykda «Nottingam Forest» bilen deňme-deň oýnamagynyň netijesinde, täzeden 1-nji orna beýgeldi. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Lesteri» Reşfordyň (2) hem-de Sançonyň gollary bilen 2–0 ýeňdi. «Çelsidäki» şowsuzlyk dowam edip, londonlylar iň aşaky orunda barýan «Southempton» toparyndan öz meýdançasynda 1–0 asgyn geldi. Myhmançylykda Nuňýes we Gakponyň gollary bilen 22-nji minutdan soň 1 oýunçy az oýnan «Nýukasly» 2–0 ýeňen «Liwerpul», 8-nji orna çykdy. London derbisinde «Tottenham» öz meýdançasynda «West Hamy» Emerson we Son Hyn Miniň gollary esasynda 2–0 ýeňdi. Koreýaly futbolçy Son «Premier Ligadaky» 98-nji goluny geçirip, Teddi Şeringamdan öňe saýlandy we klubunyň çempionatdaky iň netijeli 2-nji futbolçysy boldy.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Napoli» myhmançylykda «Sassuolony» Kwarasheliýa hem-de Osimheniň gollary bilen 2–0 ýeňdi. Soňky çempion «Milanyň» «Monzany» Messiasyň goly bilen ýeňen hepdesinde «Inter» «Udinezeni» 3–1 hasabynda utdy. «Ýuwentusdyr» «Lasio» myhmançylykda degişlilikde, «Spesiýany» hem-de «Salernitanany» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Lasionyň» gollarynyň 2-sini hem geçiren Çiro Immobileniň «Serie A»-daky gollarynyň sany 191-e ýetdi. Ol Kurta Hamrinden öňe saýlanyp, 8-nji orna beýgeldi.

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Borussiýa M» toparyndan 3–2 asgyn geldi. 8-nji minutda goragçysy Apamekanonyň gyzyl kart alan oýnunda «Bawariýanyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Ştindl, Hoffman hem-de Turam geçirdi. Öz meýdançasynda «Şalke» bilen golsuz deňme-deň oýnan «Union Berlin» topary 1-nji orna geçmek mümkinçiligini elden giderdi. «Şalke» bassyr 4 duşuşykda 0–0 hasap bilen oýnady. Hertany 4-1 hasabynda ýeňen «Borussiýa Dortmund» utugyny 43-e ýetirip, «Bawariýa» bilen deňleşdi.











# Janköýerleriň kluby – «Union Berlin»

Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň biri bolan Germaniýanyň «Bundesligasynda» şu möwsümde çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Soňky 10 ýyly «Bawariýanyň» çempionlygy bilen geçen çempionatda häzirki wagtda 6 klub çempionlyga dalaşgär bolup, 3 topar 43 utuk bilen öňdeligi eýeleýär. 1-nji ýerdäki topar bilen 6-njy orundaky toparyň arasynda 5 utuk aratapawudy bolup, «Bawariýanyň» erk edýän çempionaty «Bundesligada» şeýle waka soňky ýyllarda seýrek duş gelýän hadysadyr. Şol 43 utukly toparlaryň biri-de «Union Berlin» bolup, paýtagtlylar soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Şalke» bilen golsuz deňme-deň oýnady we 1-nji orna geçmek mümkinçiligini häzirlikçe elden giderdi.

## ADY TELIM GEZEK ÜÝTGEDILÝÄR

Ozalky Gündogar Germaniýanyň çäginde ýerleşýän klub «Union Berlin» adyny alýança birnäçe gezek ady çalşylýar. 1906-njy ýylda esaslandyrylan klub ilkinji ýyllarda «SC Union 06 Oberschöneweide» adyny alyp, ol Ikinji jahan urşundan soň «SC Oberschöneweide» diýlip atlandyrylýar. Berlin şäheriniň ikä bölünmeginden soň bolsa 1966-njy ýylda häzirki adyny alýar. Ondan öňem «Union Oberschöneweide», «BSG Motor Oberschöneweide», «SC Motor Berlin», «TSC Oberschöneweide», «TSC Berlin» atlary hem ulanylýar. Toparyň lakamy «Schlosserjungs» bolup, ol «metallurgiýaçy oglanlar» diýmekdir.



Soňky ýyllarda «Bundesliga» ozalky Gündogar Germaniýadan «Leipsig», wagtal-wagtal «Energi Kottbus», «Hansa Rostok», «Dinamo Drezden» ýaly klublar wekilçilik edip, olardan diňe «Leipsig» häzir hem çempionatda çykyş edýär. Soňky 3 möwsümden bäri bolsa «Leipsig» toparyna «Union Berlin» hem ýoldaşlyk edip gelýär. «Union Berlin» 2019/20 möwsüminde «Bundesliga» çykyp, topar her möwsümde ýokarky orunlara ymtylýar.

## JANKÖÝERLERIŇ ULY GOLDAWY

Zähmetkeşleriň hem-de işçileriň kluby hökmünde meşhurlyk gazanan klubuň beýleki klublardan iň esasy aýratynlygy janköýerleri bilen arasyndaky berk baglanyşykdyr. Bu aýratynlygyny häzir hem saklap gelýän klub o diýen uly býujetli hemaýatkärler bilen işleşmeýär. 2004-nji ýylda ýurduň futbol federasiýasy tarapyndan her klubuň kassasynda azyndan 1,5 million ýewro bolmaly diýen düzgün girizilýär. Klub şonda tasdanam maliýe babatda bankrot bolýardy. Ýöne işewür Dirk Zingler (toparyň häzirki prezidenti) klubuň dadyna ýetişýär we 750 müň ýewrony kluba berýär. Galan 750 müň ýewrony bolsa janköýerler «Bluten für Union» atly kampaniýa esasynda tapýar. Ýagny klubuň tarapdarlary hassahanalara gidip, gan tabşyrýar we garşylygynda alan töleglerini-de kluba berip, netijede 1,5 million ýewro jemlenýär.



Dirk Zingler

2008-nji ýylda klub ýene bir ýola ygtyýarnamasyny tasdanam ýitirip bilerdi. Klubuň 22 müň orunlyk «Stadion An der Alten Försterei» stadionynyň tribunasynyň bir bölegi çökýär. Ýöne şol çöken ýeri täzeden abatlamak üçin klubuň puly bolmaýar. Klub ýene bir gezek janköýerlere ýüz tutýar. 2500-e golaý tarapdar 140 sagadyň dowamynda işläp, şol çöken ýerleri oňarýar. Şondan soň ýene-de janköýerleriň tagallasy bilen klubuň stadionynyň umumy durky täzelenýär. Topar ýerli duşuşyklaryny ady agzalan şol stadionda geçirýär.



«Bundesliga II»-de 20 ýyllap çykyş eden klub 2019/20 möwsüminde Germaniýanyň iň ýokary ligasyna — «Bundesliga» çykýar. Topary taryhynda ilkinji gezek «Bundesliga» çykaran tälimçi şweýsariýaly Urs Fişer bolup, ol häzirki wagtda-da kluba tälim berýär. «Bazel» bilen Şweýsariýada 2 gezek çempionlyk gazanan Fişeriň ýolbaşçylygynda klub «Bundesligadaky» ilkinji möwsüminde 11-nji orny eýeläp, aşaky we ýokarky liganyň arasynda gatnap duran «lift» klublardan däldigini görkezýär. 2-nji möwsüminide 7-nji orunda tamamlap, Ýewropa Konferensiýa Ligasyna gatnaşýar. 3-nji möwsüminde-de gazanylan 5-njilik, klubuň gazanan bu üstünliginiň tötänlik däldigini subut edýär.



Urs Fişer

## GAZANAN ÜSTÜNLIKLERI

Klubuň şu wagta çenli gazanan iň uly üstünligi Germaniýanyň iň ýokary ligasynda 1923-nji ýyldaky kümüş medaldyr. Şol sanda topar 2000/01 möwsüminde kubok ýaryşynda finala çykyp, «Şalkeden» asgyn gelipdi. Ozalky Gündogar Germaniýada geçirilen kubok ýaryşynda 1968-nji ýylda ýeňiji bolan «Union Berlin» GDR-iň 2-nji ligasynda dürli ýyllarda çempionlyk gazanýar. Hatda ol «DDR-Liga» ady bilen geçirilen çempionatyň iň soňky çempionydyr. Germaniýanyň 3-nji ligasy bolan «3. Ligada» hem 2009-njy ýylda çempion bolan klubuň sebitleýin ligalarda-da birnäçe çempionlygy bar.

## «BUNDESLIGADAKY» ÝEKE-TÄK DERBI

«Union Berliniň» gysga wagtda görkezen bu başarnygy şäheriň beýleki topary «Herta» bilen deňeşdirilende, juda ýokarydyr. Berliniň «Herta» topary soňky ýyllarda kynlyk bilen ýokary ligada galmagy başarýar. Iki topar ilkinji gezek 1990-njy ýylyň 27-nji ýanwarynda, iki Germaniýanyň birleşmeginden soň duşuşýar. «Hertanyň» 2–1 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlanan şol ýoldaşlyk duşuşygyna «Olympiastadion»-da 51 müňden gowrak janköýer tomaşa edýär. Şondan soň iki topar özara 12 gezek ýoldaşlyk duşuşygyny geçirýär. Iki topar 2-nji ligada-da 4 gezek gabatlaşyp, şolarda hersi 1 gezek ýeňiş gazanýar. «Bundesligadaky» «Berlin» derbilerinde bolsa «Unionyň» 5, «Hertanyň» 2 ýeňşi bar. 1 oýun bolsa deňlikde tamamlanýar. Möwsümiň 1-nji duşuşygynda-da ýeňiş Unionyň tarapynda bolýar (2–0). Häzirki wagtda «Bundesligadaky» ýeke-täk şäher derbisi bolup, ol hem «Berlin» derbisidir. Aslynda klubuň Berlindäki iň esasy bäsdeşi ozalky «Dinamo Berlin» hasaplanýar. «Dinamo Berlin» häzirki wagtda aşaky ligalarda çykyş edýändigi üçin iki klub soňky ýyllarda duşuşyk geçirmeýär.





Häzirki wagtda toparyň düzümindäki oýunçylaryň transfer bazaryndaky gymmaty 104 million ýewro deň bolup, olaryň arasynda daniýaly derwezeçi Ronnow, portugaliýaly Diogo Leite, awstriýaly Trimmel, germaniýaly Knoçe, wengriýaly Şafer, germaniýaly Haberer, surinamly hüjümçi Şeraldo Beke, amerikaly Pefok dagynyň toparyň şowly ýörişine goşandy uludyr. Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda-da göreşi dowam etdirýän «Union Berlin» topary çärýek finalda «Aýntraht» bilen duşuşar.

## ÇEMPIONLYK GAZANSA, TARYHY ÝEŇIŞ BOLAR

Çempionatda şu möwsümde 21 oýunda 4 gezek utulyp, 13 oýunda ýeňiş gazanan «Union Berlin» topary «Leipsig», «Borussiýa Dortmund» ýaly klublary ýeňlişe sezewar etdi. «Bawariýa» bilenem deňme-deň oýnan klub ýekşenbe güni myhmançylykda münhenliler bilen duşuşar. Sähelçe wagtyň içinde kanagatlanarly býujet bilen çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan topara öwrülen «Union Berliniň» möwsümi nähili tamamlajakdygy belli bolmasa-da, klubuň görkezýän netijesi uly alkyşa mynasypdyr. Eger-de «Union Berlin» möwsümi çempionlyk bilen tamamlasa, 92 ýyldan soň ilkinji gezek Berlin şäheriniň bir kluby çempionlyk gazanar. Soňky gezek Berlinden «Herta» kluby 1930-njy we 1931-nji ýyllarda Germaniýanyň iň ýokary ligasynda çempionlyk gazanypdy. «Union Berlin» çempionlyk gazanan ýagdaýynda «Bundesligada» soňky ýyllaryň, belki-de şu asyryň iň uly garaşylmadyk netijesi bolar.

# «Laureus» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Sport äleminiň abraýly baýraklarynyň biri bolan «Laureus» dünýä sport baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. 2000-nji ýyldan bäri «Laureus» guramasy tarapyndan gowşurylýan baýraklarda ýylyň erkek türgeni baýragy ugrunda futbolçylar Lionel Messi, Kilian Mbappe, basketbolçy Stefan Körri, ýeňil atletikaçy Armand Duplantis, tennisçi Rafael Nadal, F1 sürüjisi Maks Werstappen dalaşgär görkezildi. Ýylyň zenan türgeni baýragyna-da ýeňil atletikaçylar Şelli-Ann Fraýzer-Praýs, Sidni MakLaflin-Lewron, ýüzüji Keýti Ledeki, futbolçy Aleksiýa Putellas, lyžaçy Mikaela Şiffrin, tennisçi Iga Şwentek dalaşgärlige hödürlendi. Ýylyň topary baýragyna-da Argentinanyň milli futbol ýygyndysy (erkekler), Angliýanyň milli futbol ýygyndysy (zenanlar), Fransiýanyň milli regbi ýygyndysy (erkekler), NBA-nyň çempiony «Golden Steýt Warriors», «Red Bull» F1 topary, Ispaniýanyň «Real Madrid» futbol kluby dalaşgär görkezildi. Ispaniýaly tennisçi Karlos Alkaras, nigeriýaly ýeňil atletikaçy Tobi Amusan, amerikaly figuralaýyn typyjy Natan Çen, Ma-



rokkonyň milli futbol ýygyndysy, gazagystanly tennisçi Elena Rybakina hem-de amerikaly golfçy Skotti Şeffler ýylyň ösüşi, italiýaly motosiklçi Françesko Banaia, daniýaly Kristian Eriksen, norwegiýaly ýeňil atletikaçy Ýakob Ingebrigtsen, amerikaly basketbolçy Kleý Tompson, niderland welosportçy Annemiek Wan Wleuten, amerikaly golfçy Taýger Wuds ýylyň gaýdyp gelşi baýragyna dalaşgär diýlip bellendi. Sörfçüler — fransiýaly Jastin Dupon, awstraliýaly Stefani Jilmor, braziliýaly Filipe Toledo, hytaýly fristaýlçy Eilin Gu, amerikaly snowbordçy Hloe Kim, braziliýaly kaýkaýçy Raýssa Leal ýylyň ekstrimal türgeni, niderland Diede De Groot, şweýsariýaly Katerin Debrunner, amerikaly Deklan Farmer, täze zelandiýaly Kameron Lesli, amerikaly Oksana Masters, norwegiýaly Ýesper Saltwik Pedersen dagy bolsa ýylyň paralimiýaçy türgeni baýragyna dalaş ederler.

Olimpiýa çempionlaryndan, dünýä rekordynyň eýelerinden, sportuň meşhur şahsyýetlerinden düzülen 71 adamdan ybarat eminler topary ýylyň ýeňijilerini kesgitlär.

# 41 ýyllyk rekordy täzeledi

Niderlandlarda ýapyk desgada geçirilen ýeňil atletika boýunça milli çempionatynda dünýä rekordy goýuldy. 22 ýaşyndaky Femke Bol 400 metr aralygy ylgamakda dünýä rekordyny täzeledi. Ol 49,26 sekuntda pellehana gelip, çehoslowakiýaly Ýarmila Kratohwilanyň 41 ýyl öň goýan rekordyny öz adyna geçirdi. Kratohwila 1982-nji ýylyň 7-nji martynda ýapyk desgada 400 metr aralygy 49,59 sekuntda geçip, rekord goýupdy. Şunlukda, Femke Bol 400 metr aralygy ýapyk desgada 50 sekuntdan öň tamamlan 2-nji zenan türgen boldy. Bol päsgelçilikli 400 metre ylgamakda-da Ýewropanyň rekordynyň eýesi bolup, ol Tokio Olimpiadasynda bürünç medal gazanypdy.




# Ýaryşa 32 klub gatnaşar

Halkara futbol assosiasiýalar federasiýasy, ýagny FIFA häzirki wagtda her ýyl geçirilýän Klublararasy Dünýä Kubogynyň mundan soň 4 ýyldan bir gezek guraljakdygyny resmi taýdan mälim etdi. Şol bir wagtyň özünde-de ýaryşa 32 klub gatnaşar. Täze formatdaky ýaryşyň ilkinjisi 2025-nji ýylda geçiriler. Şoňa görä-de, ýaryşa Ýewropadan (UEFA) 12, Günorta Amerikadan (CONMEBAL) 6, Aziýadan (AFC) 4, Demirgazyk, Merkezi Amerika we Kariblerden (CONCACAF) 4, Afrikadan (CAF) 4, Okeaniýadan (OFC) hem-de bäsleşigi guraýjy ýurtdan 1 klub gatnaşar. 7 klubuň gatnaşýan görnüşindäki iň soňky FIFA Klublararasy Dünýä Kubogy ýaryşy şu ýylyň ahyrynda, 12–22-nji dekabry aralygynda Saud Arabystanynda geçiriler.

